


# TÜRKMENISTANYŇ HÖKÜMETI WE BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY

# ÖSÜŞ UGRUNDA HYZMATDAŞLYK BOÝUNÇA ÇARÇUWALY MAKSATNAMA 2016-2020

# 2018-NJI ÝYLYŇ NETIJELERI BOYUNÇA HASABAT

TÜRKMENISTANYŇ HÖKÜMETI

WE

BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY

# Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnama

2016-2020

2019-njy ýylyň mart aýy

Ähli adamlar üçin durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibi

# Mazmuny


**Gysgaltmalaryň sanawy** ... 4

**Sözbaşy** ... 6

**Türkmenistanyň ösüş ýörelgeleri** ... 8

**1-nji netije:** Halkara ülňülere laýyk gelýän ýokary hilli maglumat milli maksatnamalara, 2015-nji ýyldan soňky Durnukly ösüş maksatlaryna, BMG-niň Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnama gözegçilik etmek, şeýle-de täze milli strategiýalary we maksatnamalary işläp düzmek üçin syýasat işgärlerine, hukukçylara we gyzyklanýan taraplara elýeter. ... 12

**2-nji strategik ugur - Ýokary hilli we hemmeler üçin açyk durmuş hyzmatlary** ... 16

Bu strategik ugur üç sany netijeden ybarat: ... 16

**2-nji netije:** mekdepden öňki, başlangyç we orta bilim has ýokary hilli bolup, halkara ülňülere laýyk gelýär, hemmeler üçin açyk bilim ýörelgesi ileri tutulýar ... 16

**3-nji netije:** durmuş goraglylygy ulgamy jemgyýet derejesinde hemmeler üçin açyk we ýokary hilli goldaw hyzmatlaryny üpjün etmäge taýýar ... 16

**4-nji netije:** Türkmenistanyň ilaty, esasan hem gowşak topara degişli adamlar ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlary bilen has giň derejede üpjün edilýär, bu hyzmatlaryň üns merkezinde zenanlaryň we çagalaryň saglygy, iýmitlenme, ýokanç däl keseller, köp dermanlara durnukly bolan inçekesel (MDRTB), keselleri irki wagtda ýüze çykarmak we öz wagtynda öňüni almak ýaly meseleler bar ... 16

*****Üns merkezinde bolan adamlar: ýaş çagalar, ösüşde yza galýan çagalar, MDRTB näsaglary, ýaşlar, göwreli we emdirýän zenanlar, reproduktiw ýaşly zenanlar ... 16

**3-nji strategik ugur - Daşky gurşaw durnuklylygy we energiýanyň netijeliligi** ... 24

**5-nji netije**: Döwlet syýasaty, kanunçylyk we edara meýilnamalary parnik gazlarynyň zyňylmagyny peseltmek we energiýanyň netijeliligi, energiýanyň täzelenýän çeşmelerini ulanmak, şäherleriň ösüşi we galyndylary gaýtadan ulanmak boýunça durnukly tejribeleri öňe çykarmak maksadyna laýyk gelýär ... 24

**6-njy netije:** Milli syýasat, kanunçylyk we edara meýilnamalary sektor we jemgyýet derejelerinde howa şertleriniň üýtgemeginiň durnuklylygyny, uýgunlaşmany üpjün etmek, howa şertleriniň howplary bilen iş salyşmak we betbagtçylyklaryň howplaryny azaltmak boýunça çärelere ýardam bermegiň üsti bilen howa şertleriniň üýtgeýşi boýunça meselelere öz täsirini ýetirýär ... 27

**4-nji strategik ugur: Ykdysady köpdürlilik, iş bilen üpjünçilik we söwda** ... 31

**7-nji netije.** Durnukly ykdysady köpdürliliginiň üsti bilen hemmeler üçin açyk we ýokary derejeli iş bilen üpjünçiligi döretmäge ýardam bermek üçin strategiýalar we ýönekeýleşdirilen düzgünler işlenilip düzüldi ... 31

**5-nji strategik ugur - Häkimiýet we hukugyň hökmürowanlygy** ... 36

**8-nji netije:** Döwlet edaralary gatnaşygyň esasynda we ýurduň adam hukuklary pudagyndaky wezipelerine laýyklykda kanunlary, milli maksatnamalary we strategiýalary durmuşa geçirýär we olara gözegçilik edýär ... 36

# Gysgaltmalaryň sanawy

| | |
|---|---|
| CARINFONET | Merkezi Aziýanyň Respublikalary üçin Saglygy goraýyş boýunça maglumat tory |
| CBD | Biologik köpdürlilik boýunça konwensiýa |
| CEP | Hazar deňziniň daşky gurşawy boýunça maksatnamasy |
| CLAC | Çagalar üçin howa landşaftyna baha beriş |
| CPI | Sarp edijiler üçin bahalaryň görkezijileri |
| CRPD | Mümkinçilikleri çäkli şahslaryň hukuklary boýunça konwensiýa |
| CRVS | Raýatlaryň hasaba alnyşy we ýaşaýyş statistikasy |
| EMIS | Bilimi dolandyryş boýunça maglumat ulgamy |
| ÝB | Ýewropa bileleşigi |
| FAO | Azyk we oba-hojalyk guramasy |
| FCTC | Temmäki serişdelerine gözegçilik etmek boýunça çarçuwaly maksatnamasy |
| FEC | Ýangyn we energiýa toplumy |
| GEM | Bilime bütindünýä gözegçiligi |
| JIÖ | Jemi içerki önüm |
| HDI | Adamyň ösüşi boýunça görkeziji |
| ICLS | Zähmet statistikasy boýunça hünärmenleriň halkara maslahaty |
| ICPD | Ilat we ösüş boýunça halkara maslahaty |
| HMI | Halkara maliýe institutlary |
| IOM | Halkara Migrasiýa guramasy |
| MAPS | Durnukly ösüş maksatlary milli maksatnamalara ornaşdyrmak, tizleşdirmek we syýasaty goldamak |
| MDG | Müňýyllygyň ösüş maksatlary |
| MDRTB | Köp dermanlara durnukly bolan inçekesel |
| MICS | Birnäçe görkeziji boýunça klaster barlagy |
| BM | Bilim ministrligi |
| SGDSM | Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| MSR | Köpsektorly hereket |
| NAS | Milli hasap ulgamy |
| NEAP | Daşky gurşaw boýunça milli maksatnama |
| NGO | Hökümete degişli bolmadyk guramalar |
| OECD | Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş boýunça gurama |
| OHCHR | Adamyň hukuklary boýunça ýokary komissarynyň diwany |
| PFD | Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnama |
| DPJ | Döwlet paýdarlar jemgyýeti |
| PHC | Ilkinji lukmançylyk kömegi |
| RC | Hemişelik utgaşdyryjy |
| RF | Russiýa Federasiýasy |
| RIA | Toplumlaýyn tiz baha beriş |
| SCO | Raýat jemgyýeti guramalary |
| DGG | Döwlet gümrük gullugy |
| SDGs | Durnukly ösüş maksatlary |
| SRH | Jyns we reproduktiw saglygy |
| DSK | Döwlet statistika komiteti |
| BAE | Birleşen Arap Emirlikleri |
| BMG | Birleşen milletler guramasy |
| UNCT | Birleşen milletler guramasynyň ýurt boýunça topary |
| ÝUNKTAD | Birleşen milletler guramasynyň Söwda we ösüş maslahaty |
| BMGÖM | Birleşen milletler guramasynyň Ösüş maksatnamasy |

| | |
|---|---|
| ÝUNDSS | Birleşen milletler guramasynyň Gorag we howpsuzlyk bölümi |
| UNECE | Birleşen milletler guramasynyň Ýewropa üçin ykdysady komissiýasy |
| ÝUNFPA | Birleşen milletler guramasynyň Ilat gaznasy |
| ÝUNISEF | Birleşen milletler guramasynyň Çagalar gaznasy |
| UNHCR | Birleşen milletler guramasynyň Bosgunlar boýunça ýokary komissary |
| BMG NJBM | Birleşen milletler guramasynyň neşeler we jenaýatçylyk baradaky müdirligi |
| BSGG | Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy |
| BSG | Bütindünýä Söwda guramasy |
| Y-NAP | Ýaşlaryň ösüşi boýunça hereketleriň milli maksatnamasy |

# Sözbaşy



Birleşen milletler guramasynyň hemişelik utgaşdyryjysy we Milli ýolbaşçylyk komitetiniň başlyklarynyň biri hökmünde, men Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky 2016-2020-nji ýyllar üçin Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnamanyň (PFD) çäklerinde 2018-nji ýyl boýunça gazanylan öňegidişlikler barada ýyllyk hasabaty görkezmäge örän şat.

PFD maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi ýylyň milli ýörelgesi bolan “Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi” ýörelgesine esaslanypdy. Içki we halkara giňişlikde geçirilýän ähli işler Türkmenistany sebitde we bütin dünýäde güýçli hem-de köptaraply hyzmatdaşlyk boýunça öňdebaryjy döwlet hökmünde görkezmäge gönükdirilipdi. BMG milli we halkara derejesinde köpsanly başlangyçlary ýola goýmakda Hökümete işjeň ýagdaýda ýardam beripdi. ÝUNESKO-nyň saýasynda geçirilen “Beýik Ýüpek ýolunyň möhümligi: häzirki zaman we geljekki ösüşler” atly halkara maslahaty we BMG-niň Ösüş maksatnamasy we Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan guralan “Beýik Ýüpek ýolunyň merkezinde maliýeleşdirmäni ösdürmek ugrunda hyzmatdaşlyk” atly halkara maslahaty Türkmenistany sebitleýin we bütindünýä hyzmatdaşlygyň gurnaýjysy hökmünde öňe çykaran bilelikdäki çäreleriň görnükli mysallarydyr.

2018-nji ýylda Hökümet BMG bilen bilelikdäki maksatnamalary maliýeleşdirmegi dowam edip, 5 million amerikan dollaryndan gowrak (5 459 574 amerikan dollary) maýa goýum goýdy. Bu möçber geçen iki ýylyň jeminden hem köpdür (2016-2017-nji ýyllar üçin 4 075 000 amerikan dollary). Ondan başga-da, Hökümet ÝUNISEF-iň üsti bilen waksinalary satyn almak üçin 7 million amerikan dollaryndan gowrak pul serişdäni (7 224 742 amerikan dollary) bölüp berdi.

Türkmenistanyň Hökümeti we BMG 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini durmuşa geçirmekde strategik hyzmatdaşlardyr. Durnukly ösüş maksatlaryny milli maksatnamalara girizmek bilen bagly öňegidişlikler bilen birlikde, biz Meýletin milli syny taýýarlamak babatda bilelikde işledik, bu syny Türkmenistan 2019-njy ýylda ýokary derejeli syýasy forumyň Ykdysady we jemgyýetçilik geňeşiniň bölüminde görkezer.

Hökümetiň ýüztutmasy esasynda, BMG Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurduň 2019-2025-nji ýyllar üçin durmuş-ykdysady ösüşi boýunça milli maksatnamasyna öz goşandyny goşdy we bu maksatnamanyň Durnukly ösüş maksatlaryna laýyk gelmegini üpjün etdi.

Ondan başga-da, men BMG bilen Halkara gatnaşyklary insitutynda Durnukly ösüş maksatlary boýunça usulyýet merkeziniň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlyk barada hem bellemekçi. Bu merkez bilen bilelikde, biz oktýabr aýyny Durnukly ösüş maksatlaryna bagyşlanan aý hökmünde belledik, şeýle-de Durnukly ösüş maksatlary we 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň esasy ýörelgesi – “ähli adamlar üçin durnukly ösüşi üpjün etmek” barada maglumaty çagalaryň, ýaşlaryň we ulularyň arasynda ýaýratmak bilen baglanyşykly köpsanly bilelikdäki başlangyçlary ýola goýduk.

Men öňegidişlikler baradaky bu hasabatyň Size köp gymmatly maglumaty berjekdigine we ruhlandyryjy boljakdygyna umyt edýärin.

Biziň Türkmenistanda durnukly ösüş babatda alyp barýan işimizi we hereketlerimizi kämilleşdirmek boýunça pikirleriňizi kabul etmäge taýýar.

**Ýelena Panowa**
**BMG-niň Türkmenistandaky Hemişelik utgaşdyryjysy**

# Türkmenistanyň ösüş ýörelgeleri

Türkmenistanda syýasy, durmuş-ykdysady ösüş, şeýle-de adam maýasynyň ösüşi 2018-nji ýylda täze sepgitlere ýetdi.

Daşary syýasatynda ýurt terrorçylyga we rehimsiz ekstremizme garşy göreş boýunça sebitleýin hyzmatdaşlyga möhüm orun berdi, sebitleýin ykdysady, ulag we energiýa hyzmatdaşlygyny öňe çykardy we Aral deňzi bilen baglanyşykly meseleler boýunça ykdysady hem-de daşky gurşaw täsirleri bilen iş salyşdy. Ýetilen esasy sepgitlere aşakdakylar degişli.

Birinjiden, Türkmenistan-Owganystan-Päkistan-Hindistan (TAPI) gaz geçirijisiniň gurluşygynyň üsti bilen energiýany Türkmenistandan Günorta Aziýa geçirmek boýunça zynjyry döretmekde uly öňegidişikler gazanyldy. Energiýa boýunça täze Ýüpek ýoly hökmünde baha berilýän TAPI geçirijisi ähli adamlaryň ygtybarly, durnukly we häzirki zaman energiýa bolan ygtyýaryny üpjün eder we bütindünýä energiýa howpsuzlygynyň täze binýadyny kemala getirer. Bahasy 7 milliard amerikan dollaryna deň bolan bu iri gaz geçirijisi sebitde ykdysadyýeti ösdürmäge güýçli itergi berer we elektrik energiýasyny, ulag, aragatnaşyk ulgamyny we durmuş infrastrukturasyny kemala getirmek bilen baglanyşykly müňlerçe täze iş orunlaryny döreder. 2018-nji ýylyň iýul aýynda Nýu Ýork şäherinde geçirilen BMG-niň ýokary derejeli syýasy forumyna gatnaşan türkmen wekilýeti halkara derejede gyzyklanýan taraplary bu taslama bilen tanyşdyrdy.

Ikinjiden, Türkmenistanda ulag we aragatnaşyk babatda “SPECA” (BMG-niň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetleri boýunça ýörite maksatnamasy) we “CAREC” (Merkezi Aziýa üçin sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça maksatnamasy) görnüşli ýokary derejeli maslahatlary hem geçirildi, şeýle-de Türkmenistandan Owganystana demir ýol ugry açyldy, Owganystan-Türkmenistan-Azerbaýjan-Gruziýa-Türkiýe koridory (“Lazurit”) işe girizildi hem-de Türkmenbaşy şäherinde deňiz porty Ýewropany we Aziýany birleşdirýän sebitleýin merkez hökmünde açyldy.

Üçünjiden, Türkmenistan Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda ykdysady we daşky gurşaw hyzmatdaşlygyny ýola goýdy we 2018-nji ýylyň awgust aýynda Aral deňzini halas etmek boýunça halkara gaznasynyň (IFAS) esaslandyryjylary bolan Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlarynyň sammitini geçirdi. Döwlet baştutanlary BMG-niň Aral deňziniň basseýni boýunça ýörite maksatnamasyny we onuň meýilnamasyny işläp düzmek, şeýle-de BMG-niň Baş Assambleýasynyň Türkmenistan tarapyndan hemaýatkärlik edilýän “BMG bilen IFAS-yň arasynda hyzmatdaşlyk” atly A/72/L.42 belgili rezolýusiýasyny durmuşa geçirmek ugrunda bilelikde işlemage ylalaşdy. Bu rezolýusiýa BMG-niň ulgamy, halkara maliýe institutlary bilen IFAS-yň arasynda hyzmatdaşlygy güýçlendirmäge gönükdirilen. Hazar deňziniň hukuk statusy barada konwensiýa taryhy ýagdaýda gol çekilenden soň, Türkmenistan kenarýaka döwletleri 2019-njy ýylyň awgust aýynda Awazada geçiriljek Hazar deňziniň birinji ykdysady forumyna gatnaşmaga çagyrdy.

2018-nji ýylyň iýun aýynda Türkmenistan 2019-2021-nji ýyllar üçin BMG-niň Ykdysady we jemgyýetçilik geňeşiniň agzalygyna saýlandy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda” atly kitabyny BMG-niň Baş Assambleýasynyň 73-

nji sessiýasynda dünýä jemgyýetçiligine tanyşdyrdy. Onuň bilen birlikde, 73-nji sessiýasynyň dowamynda Türkmenistan ýaragsyzlandyrma, ýaraglary ýaýratmazlyk, terrorçylyga we neşe serişdeleriniň ýaýramagyna garşy durmak, suw bilen bagly diplomatiýa, Durnukly ösüş maksatlary, durnukly ulag we energiýa ulgamy, howanyň üýtgemegi we ýaşlary kämilleşdirmek babatda BMG bilen hyzmatdaşlykda ileri tutulýan ugurlary[1] barada belledi.

Ýurduň içinde Türkmenistanyň durmuş-ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary şulardan ybaratdy: ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokary bolmagyny üpjün etmek, oba ýerlerinde durmuş şertlerini ýokarlandyrmak, ygtybarly senagat binýadyny döretmegiň hem-de hususy sektory ösdürmegiň üsti bilen milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek, milli eksporty öňe çykarmak we importyň ýerini tutýan senagatlary döretmek.

Bu wezipeleriň ählisi Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-2025-nji ýyllar üçin ýurduň durmuş-ykdysady ösüşi boýunça täze maksatnamasynda kesgitlenildi. Maksatnama bazar gatnaşyklaryna tiz ýagdaýda geçmäge gönükdirilip, ygtybarly we öwezini tiz dolup bolýan adam maýasyna goýulýan maýa goýumlary öňe çykarýar. Şeýlelik bilen, bilime we saglygy goraýşa goýlan maýa goýumlar döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolmagyna galýar.

2018-nji ýylda Türkmenistan 6,2%-e durnukly ýagdaýda ösdi[2]. Halkara pul gaznasynyň 2018-nji ýylyň aprel we oktýabr aýlarynda gelen wekilýetleriň bellemeginä görä, “söwda we salgyt deňagramlylygy kämilleşdirildi, tebigy gazyň, nebit we himiýa önümleriniň we beýleki harytlaryň eksport derejesi ýokarlanyp, ykdysady ösüşe ýardam berer”. Şol bir wagtda, Halkara pul gaznasy “daşky deňsizlikleri azaltmak üçin syýasatlary kämilleşdirmegi, bäsdeşligi ýokarlandyrmagy we geljekki ýyllarda durnukly, diwersifisirlenen we ählitaraply ösüşi üpjün etmegiň konsepsiýasyny durmuşa geçirmegi” maslahat berdi[3].

Ykdysady ösüşlerde hususy sektor möhüm orny eýeleýär, milli ykdysadyýetde onuň paýy 62%-e ýetdi[4]. Soňky 10 ýylda hususy kompaniýalaryň umumy sany 18 müňden geçdi, bu bolsa 150 müňden gowrak adamy iş bilen üpjün etmäge ýardam berdi[5]. Milli hususy sektor ykdysadyýete 15,3 milliard manada (4,3 milliard dollara) deň maýa goýum goýdy. Hususy sektory höweslendirmek maksady bilen, Hökümet Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak boýunça 2018-2024-nji ýyllar üçin maksatnamany işläp düzdi. Bu maksatnama milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, döwletiň eksport mümkinçiliklerini giňeltmäge, azyk howpsuzlygyny güýçlendirmäge, hususy sektoryň innowasion we maýa goýum işjeňligini höweslendirmäge gönükdirilen.

---

[1] http://cci.gov.tm/index.php/en/news-en/turkmenistan-news/6824-priority-positions-of-turkmenistan-at-the-73rd-session-of-the-un-general-assembly

[2] https://www.adb.org/countries/turkmenistan/economy

[3] https://www.imf.org/en/News/Articles/2018/10/08/pr18384-imf-staff-concludes-staff-visit-to-turkmenistan

[4] http://www.newscentralasia.net/2018/03/19/turkmenistan-10-years-of-public-private-partnership-ru/

[5] öňki ýaly

Hökümet azyk howpsuzlygyny üpjün etmekde hususy öndürijileriň möhüm ornunyň bardygyna göz ýetirip, iri oba-hojalyk özgertmeleri girizdi, bu özgertmeler 2018-nji ýylyň sentýabr aýynda geçirilen Halk maslahatynda tassyklanyldy. Özgertmelere oba-hojalyk meýdanlaryny 99 ýyla kireýine bermek, oba-hojalyk enjamlaryny satyn almak maksady bilen öndürijiler üçin ýeňillikli karz pullary üpjün etmek, hökümetiň pagtany we bugdaýy satyn almagy üçin bahalary ýokarlandyrmak we artykmaç önümleri daşary bazarlara çykarmaga daýhanlary höweslendirmek ýaly çäreler degişlidi.

2018-nji ýylyň mart aýynda Türkmenistanda parlament saýlawlary geçirilip, olara üç sany syýasy partiýanyň (Türkmenistanyň Demokratik partiýasy, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy, Türkmenistanyň Agrar partiýasy) wekilleri Türkmenistanyň Mejlisine (Parlamente) dalaş etmek üçin gatnaşdy. Türkmenistanyň Demokratik partiýasy 55 sany ýere, beýleki iki sany partiýanyň her biri bolsa 11 ýere eýe boldy. Parlamentiň agzalarynyň arasynda 24,8% zenan bolup, parlamentiň başlygy hem zenan[6].

2018-nji ýylda Birleşen milletler guramasy bilen hyzmatdaşlyk güýçlendi. Hyzmatdaşlygyň maksady 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini durmuşa geçirmäge goldaw bermekden we Durnukly ösüş maksatlaryny milli maksatnamalara girizmekden hem-de olary durmuşa geçirmekden ybaratdy. BMG Durnukly ösüş maksatlary boýunça Iş toparyny işjeňleşdirmekde, raýat jemgyýetini we hususy sektory çekmekde, Durnukly ösüş maksatlary boýunça ugurlary we görkezijileri gözden geçirmekde, şeýle-de maglumaty toplamak, ony seljermek we ol barada hasabat bermek babatda dürli döwlet edaralarynyň jogapkärçiliklerini bölmekde Hökümete ýardam berdi. Ondan başga-da, BMG Durnukly ösüş maksatlary boýunça maglumat binýadyny döretmekde Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine, şeýle-de elektron dolandyryş-maglumat ulgamlaryny (MIS) döretmekde Türkmenistanyň Bilim ministrligine we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine hem goldaw berdi.

Türkmenistanda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň 2019-njy ýylda durmuşa geçirilişi barada bütindünýä derejesinde hasabat bermek isleginden soň, BMG Meýletin milli syny (VNR) taýýarlamakda Hökümete goldaw berdi we Hökümetiň işgärlerini durnukly ösüş boýunça Ykdysady we jemgyýetçilik geňeşiniň saýasynda her ýyl Nýu Ýork şäherinde geçirilýän ýokary derejeli syýasy forumyň işi bilen tanyşdyrdy.

[6]http://archive.ipu.org/parline/reports/2325.htm

Hökümet we BMG bilelikde “Beýik Ýüpek ýolunyň merkezinde maliýeleşdirmäni ösdürmek ugrunda hyzmatdaşlyk” atly halkara maslahatyny geçirdi. Bu maslahatda döwlet edaralarynyň hyzmatdaşlary, halkara maliýe institutlary, hususy sektor we täjirçilik banklary jemlendi, onda ýurduň durnukly ösüşi boýunça ileri tutulýan ugurlar, degişli maliýe zerurlyklary we serişdeleri işjeňleşdirmegiň dürli ýollary, esasan hem halkara maliýe institutlaryň serişdeleri we hususy kapital barada maglumat berildi.




*“Beýik Ýüpek ýolunyň merkezinde maliýeleşdirmäni ösdürmek ugrunda hyzmatdaşlyk”, 2018-nji ýylyň iýun aýy, BMG-niň Ösüş maksatnamasy*

Durnukly ösüş maksatlary boýunça milli merkez bilen hyzmatdaşlykda, BMG hususy we bank sektorynyň wekillerini maýa goýumlaryň innowasion täsiri baradaky konsepsiýasy bilen tanyşdyrdy.

BSGG, ÝUNISEF, ÝUNFPA we BMG NJBM ýaly guramalaryň goldawy bilen, saglygy goraýyş pudagynda köpsanly möhüm milli maksatnamalar kabul edildi. Olar Durnukly ösüş maksatnamalaryň durmuşa geçirilişine goşant goşar we ýokanç däl keselleriň azalmagyna getirer. Kabul edilen maksatnamalara aşakdakylar degişli:

- Türkmenistanda ilatyň psihiki saglygyny goramak boýunça 2018-2022-nji ýyllar üçin milli maksatnamasy we ony durmuşa geçirmek boýunça meýilnamasy;
- Türkmenistanda ilatyň fiziki işjeňligini ýokarlandyrmak babatda 2018-2025-nji ýyllar üçin Milli strategiýasy we ony durmuşa geçirmek boýunça meýilnamasy;
- Alkogolyň zyýanly täsiriniň öňüni almak boýunça 2018-2024-nji ýyllar üçin milli maksatnamasy we ony durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň meýilnamasy.

Saglygy goraýyş we bilim, gender deňligi, zenanlaryň, çagalaryň we mümkinçilikleri çäkli şahslaryň hukuklary, durmuş goraglylygy, bikanun migrasiýany azaltmak we raýatsyzlyk ýaly meseleler babatda köpsanly bilelikdäki başlangyçlar durmuşa geçirildi. Ýurt Ähli umumy möwsümleýin syna (“UPR”), Zenanlaryň hukuklarynyň çäklendirmeleriniň ähli görnüşlerini aradan aýyrmak baradaky konwensiýa (“CEDAW”) hem-de Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar boýunça konwensiýa (“CESCR”) gatnaşdy, şeýle-de Çagalar boýunça hereketleriň milli maksatnamasyny kabul etdi.



*Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar boýunça komitetinde türkmen wekilýeti, 2018-nji ýylyň oktýabr aýy*

# 1-nji strategik ugur - Ýokary hilli maglumat we ösüşe gözegçilik etmek

**1-nji netije:** Halkara ülňülere laýyk gelýän ýokary hilli maglumat milli maksatnamalara, 2015-nji ýyldan soňky Durnukly ösüş maksatlaryna, BMG-niň Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnama gözegçilik etmek, şeýle-de täze milli strategiýalary we maksatnamalary işläp düzmek üçin syýasat işgärlerine, hukukçylara we gyzyklanýan taraplara elýeter.

**Gulluklar**: BMG-niň Ösüş maksatnamasy, ÝUNISEF, ÝUNFPA, BSGG, IOM, BMG NJBM
**Meýilleşdirilen:** 1 606 379 amerikan dollary
**Harçlanan:** 1 114 972,53 amerikan dollary *[7]


*2018-nji ýylyň ýokary derejeli syýasy forumynda türkmen wekilýeti*

BMG Durnukly ösüş maksatlaryny milli maksatnamalara we meýilnamalara laýyk getirmek boýunça işe goldaw bermegi dowam etdi.

Ýurduň 2019-2025-nji ýyllar üçin durmuş-ykdysady ösüşi boýunça täze milli maksatnamasyna BMG-niň goşan goşandy 2018-nji ýylyň möhüm öňegidişligine öwrüldi. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-2025-nji ýyllar üçin bu täze maksatnamasy 2019-njy ýylyň fewral aýynyň 1-nde tassyklandy.

Durnukly ösüş maksatlarynyň durmuşa geçirilişiniň öňegidişlikleri barada sektorara gözegçiligi, dolandyryş we hasabat beriş işlerini güýçlendirmek üçin, BMG-niň Ösüş maksatnamasy bilen Maliýe we Ykdysadyýet ministrligi bilen bilelikde Durnukly ösüş maksatlarynyň görkezijileri boýunça platformany döretmek baradaky taslama 2018-nji ýylyň dekabr aýynda tassyklandy. Bu taslama Durnukly ösüş maksatlarynyň maglumat binýadyny döretmekde we Durnukly ösüş maksatlary boýunça meýilleşdirme hem-de býujet işini işläp düzmekde BMG-niň Hökümete berýän goldawyny öz içine alýar.

Türkmenistan ilkinji meýletin milli syny 2019-njy ýylyň iýul aýynda ýokary derejeli syýasy forumda görkezer. Onuň bilen baglylykda Hökümet milli hasabaty taýýarlamak boýunça hereketleriň maksatnamasyny tassyklady. BMG-niň ulgamy metamaglumaty gözden geçirmegiň we meýletin milli syny taýýarlamak üçin hasabat berişiň görnüşlerini işläp düzmegiň üsti bilen, bu işde Hökümete goldaw berdi.

BMG saýlanan aýratyn maksatlarda ünsüni jemläp, görkezijileriň, maglumat çeşmeleriniň we ýygylyklaryň jikme-jik synyny geçirdi. Hyzmatdaşlar bilen her maksat boýunça aýratynlykda geçirilen syn ilkinji gezek 2-nji we 3-nji Durnukly ösüş maksady boýunça Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen, soň bolsa ýokary derejeli syýasy forumyň 2019-njy ýylyň Ykdysady we jemgyýetçilik geňeşiniň temasyna laýyk gelýan beýleki alty sany maksat boýunça geçirildi. Bu başlangyç degişli Hökümet edaralarynyň zerurlyklaryny we jogapkärçiligini ýüze çykarmakda peýdaly bolup çykdy.

Bu prosese köpsanly gyzyklanýan taraplaryň gataşmagyny üpjün etmek üçin BMG hususy sektory we hökümete degişli bolmadyk guramalary meýletin milli syna taýýarlanmak işi bilen

[7] *Meýilleşdirilen we harçlanan býujetleriň arasyndaky tapawut taslamalaryň we çäreleriň tassyklanmalarynyň gijikdirilendigi zerarly ýüze çykdy. Bu düşündiriş beýleki netijelere hem degişli.

tanyşdyrmak, şeýle-de olaryň meýletin milli syna goşant goşmagyny üpjün etmek maksady bilen duşuşyklary geçirdi.

Ondan başga-da, görkezijiler üçin maglumatyň elýeterliligini ýokarlandyrmak we olaryň umumy düşündirmelere we dizagregasiýa laýyk gelmegini üpjün etmek maksady bilen, milli statistika ulgamy üçin BMG-niň tehniki barlagy hem elýeter edildi.

Türkmenistanda 2017-nji ýylda geçirilen Toplumlaýyn tiz baha berişiň (RIA) netijeleri bütindünýä Durnukly ösüş maksatlarynyň ugurlarynyň milli strategiýalara, maksatnamalara we meýilnamalara talabalaýyk derejede girizilendigini ýüze çykardy. Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kabul edilen 148 wezipelerden ugurdan 124 wezipesi (84 göterimi) ösüş boýunça milli we pudaklaýyn maksatnamalara we meýilnamalara goşuldy ýa-da şertleýin ýagdaýda girizildi. RIA seljermäniň görkezmegine görä, Durnukly ösüş maksatlarynyň aglaba bölegi milli syýasy resminamalara girizilse-de, olar normatiw görnüşde bolup, indiki edilmeli işler Durnukly ösüş maksatlaryna gözegçilik ediş we baha beriş ulgamlaryny bu resminamalara girizmekden ybarat. Döwlet saglygy goraýyş pudagynyň tejribesi Durnukly ösüş maksatlarynyň görkezijilerini milli maksatnamalara gözegçilik etmek işinde ulanmagyň mysaly hökmünde ulanylyp bilner. Bu işi üpjün etmek üçin potensialy güýçlendirmek boýunça aşakdaky başlangyçlar zerur bolar:

- statistika maglumatlary ýygnamak we olaryň seljerilmegini üpjün etmek boýunça Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň hem-de pudaklaýyn ministrlikleriň işgärleri üçin okuwlar;
- Durnukly ösüş maksatlarynyň görkezijileri üçin gysga möhletli hem-de uzak möhletli ugurlary kesgitlemek boýunça Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň hem-de pudaklaýyn ministrlikleriň işgärleri üçin okuwlar;
- ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryny ýüze çykarmaga ýardam berýän, şeýle-de ugurlary durmuşa geçirmekde ýetilen öňegidişliklere (kemçiliklere we ýetilen sepgitlere) baha bermegiň ýollary boýunça gurallary (mysal üçin, ulgamlaýyn pikirleniş çemeleşmeleri) ulanmak babatda okuwlar.

Umumy baha beriş işi Durnukly ösüş maksatlarynyň ýurduň kabul eden 100 görkezijisini öz içine aldy. Döwlet Statistika komiteti we degişli Hökümet edaralary bilen ýakyn maslahatlarda geçirilen bu baha beriş işlerinde hakyky maglumata üns berildi. BMG we hyzmatdaşlar maglumaty ýygnamagyň proksi-görkezijileri hem-de ýygylygy barada maslahatlara başlady.

BMG tarapyndan berlen goldawyň beýleki ugry Durnukly ösüş maksatlary üçin aýratyn maglumaty ýüze çykarmagyň we ulanmagyň milli potensialyny güýçlendirmäge hem-de hakyky maglumatyň esasynda syýasaty işläp düzmäge gönükdirilipdi. BMG-niň ulgamy öý hojalyklary boýunça barlaglary meýilleşdirmekde we durmuşa geçirmekde, şeýle-de söwda, ykdysady we daşky gurşaw hasabat boýunça maglumaty kämilleşdirmekde döwlet Statistika komitetine we beýleki edaralara goldaw beripdi. Mysal üçin, BSGG "STEPS" (temmäki serişdeleriniň ulanylyşy) we "COSI" (çagalaryň arasynda aşa semizlik) ýaly barlaglaryň netijelerini jemledi we ýaýratdy. Hökümet ÝUNFPA tarapyndan goldaw berlen "Maşgalalarda zenanlaryň saglyk statusy" atly barlagyň 2019-njy ýylda geçirilmegini hem tassyklady. Birnäçe görkezijili klaster barlagyna ("MICS") taýýarlyk öý hojalyklarynyň sanawyny düzmek we barlagdan deslapky soraglary taýýarlamak bilen başlandy. Döwlet Statistika komitetiniň wekilleri maglumaty işlemek boýunça "MICS" seminarlarynyň ikinji tapgyryna gatnaşdy we ony ulanmak boýunça işlere başlady. BMG-niň Ösüş



Türkmenistanda Durnukly ösüş maksatlarynyň çagalar bilen baglanyşykly görkezijilerine baha beriş

maksatnamasy ykdysady we daşky gurşaw hasaplar ulgamynyň (SEEA) girizilmegine baha beriş işini geçirdi. 2019-njy ýylda “SEEA” ulgamyny syýahatçylyk pudagyna girizmek boýunça meýilnama işlenilip düzüler. Ondan başga-da, täzelenen milli hasabat ulgamyny goldamak üçin, şahslaryň getirýän harytlary boýunça umumy barlag geçirildi.


*“Geliň, Durnukly ösüş maksatlary barada gürleşeliň” atly okuw, 2018-nji ýylyň oktýabr aýy*

ÝUNFPA, BSGG we ÝUNISEF Saglygy goraýşy dolandyrmagyň maglumat ulgamyny (“H-MIS”) döretmekde Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine goldaw berdi. Saglygy goraýyş boýunça häzirki zaman maglumat ulgamyna baha beriş işleri geçirildi we saglygy goraýyş strategiýasy işlenilip düzülýär. ÝUNISEF we ÝUNESKO Bilimi dolandyrmagyň maglumat ulgamyny işläp düzmekde Türkmenistanyň Bilim ministrligine goldaw bermäge taýýar. 2018-nji ýylda BMG we Hökümet ilatyň Durnukly ösüş maksatlary barada bilimini köpeltmek ugrunda hyzmatdaşlygy güýçlendirdi. Oktýabr aýynda Durnukly ösüş maksatlaryna bagyşlanan aýy bellemegiň üsti bilen, Hökümet we BMG bilelikde 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň kabul edilmeginden 1000 günüň geçendigini belledi. Bu bilelikdäki başlangyjyň netijesinde ilatyň arasynda Durnukly ösüş maksatlary barada maglumat has giň derejede ýaýrady. Durnukly ösüş maksatlary boýunça okuw we usulyýet merkezi bilen hyzmatdaşlykda, aşakdaky başlangyçlar durmuşa geçirildi:

- yokary okuw jaýlarynyň mygallymlary, alymlar we talyplar üçin “Geliň, Durnukly ösüş maksatlary barada gürleşeliň” atly üç günlük okuw;
- Durnukly ösüş maksatlary boýunça okuw we usulyýet merkezinde hökümete degişli bolmadyk guramalar, syýasy partiýalar, mugallymlar, köpçülikleýin habar beriş serişdeler we başgalar üçin 20-den gowrak umumy okuwlar geçirildi;
- 40 sany talyp üçin parlament debatlaryna ýöriteleşdirilen talyp debatlary;
- her Durnukly ösüş maksady üçin bir tansdan ybarat bolan çagalar we ýaşlar tarapyndan ýerine ýetirilen tans festiwaly;
- 18-30 ýaş aralygynda bolan adamlar üçin “Durnukly ösüş maksatlarynyň ilçileri” atly bäsleşigi yglan edildi. Ilçiler öz işine 2019-njy ýylda başlar. Olaryň iň işjeňleriniň türkmen wekilýeti bilen 2019-njy ýylyň ýokary derejeli syýasy forumyna gatnaşjakdygyna garaşylýar.


*BMG-niň nusga gönükmesi, 2018-nji ýylyň oktýabr aýy*

Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek boýunça öňegidişliklere baha bermek üçin umumy we milli ulgamy işläp düzmekde möhüm öňegidişliklere garamazdan, howanyň üýtgemegi, gender deňligi we deňsizlik ýaly meseleler babatda işleri güýçlendirmek maslahat berilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň täze maksatnamasy işlenilip düzülende býujet we uzak möhletli meýilleşdirme bilen baglanyşykly güýçlendirilen strategik meýilleşdirme potensialyna bolan zerurlyk ýüze çykdy. Ýurduň meýilleşdirme boýunça esasy resminamalara gözegçilik etmek, maglumaty ýygnamak we hil üpjünçiligi, şeýle-de baha beriş medeniýeti ýaly hereketleriň üpjün edilmegi degişli. Şeýlelik bilen, Strategik meýilleşdirme barada kanuny işläp düzmek maslahat berildi.

Maglumatyň çeşmelerine, meta-maglumata, ygtybarlylyga, hil üpjünçiligine has gowy düşünmek babatda hökümet edaralarynyň mümkinçiliklerini giňeltmek möhüm bolup durýar.

Durnukly ösüş maksatlaryny goldamak boýunça zerurlyklar we shemalar, şeýle-de Durnukly ösüş maksatlary barada hasabat bermekde dürli gyzyklanýan taraplaryň, hususy sektoryň we hökümete degişli bolmadyk guramalaryň tutýan orny nätakyk bolmagyna galýar. Onuň üçin has köp tagallalar we işgärler zerur.



*Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek boýunça merkezde umumy okuw, 2018-nji ýylyň aprel aýy, BMG-niň Ösüş maksatnamasy*

Halkara gatnaşyklary institutynyň çägindäki Milli okuw we usulyýet merkezinde giň gün tertibi bolsa-da, onuň işgärleriň sany we dolandyryş potensialy çäklidir. Bu bolsa merkeziň Durnukly ösüş maksatlaryny we ugurlaryny durmuşa geçirmekde ýokary derejeli merkeze öwrülmek mümkinçiliklerini azaldýar. Durnukly ösüş maksatlary boýunça saýlanan ilçileriň merkeziň işine goldaw bermäge we ony giňeltmäge potensialy bolar.

# 2-nji strategik ugur - Ýokary hilli we hemmeler üçin açyk durmuş hyzmatlary

Bu strategik ugur üç sany netijeden ybarat:
**2-nji netije:** mekdepden öňki, başlangyç we orta bilim has ýokary hilli bolup, halkara ülňülere laýyk gelýär, hemmeler üçin açyk bilim ýörelgesi ileri tutulýar
**3-nji netije:** durmuş goraglylygy ulgamy jemgyýet derejesinde hemmeler üçin açyk we ýokary hilli goldaw hyzmatlaryny üpjün etmäge taýýar
**4-nji netije:** Türkmenistanyň ilaty, esasan hem kömege mätäç adamlar, ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlary bilen has giň derejede üpjün edilýär, bu hyzmatlaryň üns merkezinde zenanlaryň we çagalaryň saglygy, iýmitlenme, ýokanç däl keseller, köp dermanlara durnukly bolan inçekesel (MDRTB), keselleri irki wagtda ýüze çykarmak we öz wagtynda öňüni almak ýaly meseleler bar
***Üns merkezinde bolan adamlar:** ýaş çagalar, ösüşde yza galýan çagalar, MDRTB näsaglary, ýaşlar, göwreli we emdirýän zenanlar, reproduktiw ýaşly zenanlar

**2nji netije:** Mekdepden öňki, başlangyç we orta bilim has ýokary hilli bolup, halkara ülňülere laýyk gelýär, hemmeler üçin açyk bilim ýörelgesi ileri tutulýar
**Gulluklar**: ÝUNESKO, ÝUNFPA, ÝUNISEF
Meýilleşdirilen: 96 500,00 amerikan dollary
Harçlanan: 143 599,50 amerikan dollary


*Çeşme: ÝUNISEF Türkmenistan*

2018-nji ýylda BMG mekdepden öňki, başlangyçdan öň we başlangyç bilim ulgamynda çagalar üçin elýeter ýörelgeleri giňeltmegiň üsti bilen ähli çagalar üçin ýaş wagtyndan bilim bermegiň derejesini ýokarlandyrmagyny dowam etdi. Ol mekdepden öňki taýýarlyga, mümkinçilikleri çäkli çagalar üçin köpugurly goldawy bermek we olar üçin açyk bolan bilim ýaly çemeleşmelerde öz ünsüni jemläpdi. BMG-niň goldawy bilen, jyns we reproduktiw saglygy bilen baglanyşykly temalar mekdepleriň bilim maksatnamalaryna girizildi.

Çagalary ýaş wagtyndan kämilleşdirmek boýunça milli syýasatyň çäginde, Türkmenistanyň Bilim ministrligi mekdepden öňki bilim boýunça tassyklanan resminamalary, şol sanda oýunlara esaslanan mekdepden öňki ýokary hilli maksatnama çeşmelerini, ene-atalaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini, ösüş maksatly oýunlary oýnamak we sport bilen meşgullanmak boýunça işleri giňeltmegi dowam etdi, bu resminamalaryň ählisi iň gowy halkara ülňülere laýyklykda işlenilip düzüldi. Bu ýokary hilli we kadalaşdyryjy resminamalar degişli sebitlerde mekdepden öňki ýerli edaralaryň hünärmenleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmaga jogap berýän sebitleýin usulyýet birleşikleriň ýyllyk okuw meýilnamalaryna girizildi. Ondan başga-da, bu materiallara öz wagtynda taýýarlyk boýunça tassyklanan sanaw, çagalaryň kämilleşdirme derejesine gözegçilik etmäge gönükdirilen we çagalara laýyk gelýän mekdep taýýarlygyna baha beriş gurallary ýaly serişdeler girizildi.

ÝUNISEF tutuş ömrüň dowamynda okamak mümkinçiligini we abadançylygy üpjün etmegiň esasy hökmünde, ähli bäş ýaşly çagalar üçin mekdepden öňki ýokary hilli bir ýyllyk bilim boýunça maksatnamany girizmek barada iş meýilnamany işläp düzmekde Hökümete goldaw berdi. Ýokardakylar 4-nji Durnukly ösüş maksadynyň çäginde mekdepden öňki umumy taýýarlygy üpjün etmek ugrunda Hökümetiň yzygiderli tagallalaryna laýyk gelýär. Adalatly we gözegçilik üçin zerur möhletlerden, görkezijilerden we nusgalardan ybarat bolan bu iş meýilnamasy tassyklanmaga we saýlanan sebitlerde degişli nusgalary işe girizmegiň üsti bilen ulanylmaga taýýar. Potensialyň yzygiderli ýokarlandyrylmagy we syýasy gepleşikler 2018-2024-nji ýyllar üçin çagalary ýaş wagtyndan kämilleşdirmek boýunça milli strategiýanyň jemlenmegini üpjün etdi, bu strategiýa Hökümet tarapyndan tassyklanmaga taýýar. Çagalary ýaş wagtyndan kämilleşdirmek boýunça strategiýa Türkmenistanyň gowşak topardan kiçi ýaşly çagalar we olaryň maşgalalary üçin pudagara integrasiýasyna üns berip, çagalary ýaş wagtyndan kämilleşdirmek boýunça umumy syýasata wepalylygyny tassyklaýar.


*Çeşme: ÝUNISEF Türkmenistan*

Çaganyň umumy bilim almaga başlamagyna goldaw bermek we hemmeler üçin açyk bilim gurşawyny döretmek maksady bilen, mümkinçiligi çäkli ýaş çagalar we olaryň maşgalalary üçin köpugurly goldaw hyzmatlary ähli adamlary ösüş bilen üpjün etmek baradaky ýörelgäniň hökmany şertine öwrüldi. Ondan başga-da, bu hyzmatlar maşgalalaryň hukuklarynyň we mümkinçilikleriniň giňeldilmegine we durmuş integrasiýasyna ýardam berer. BMG-niň yzygiderli goldawyna ýokarda bellenilen hyzmatlary üpjün etmek, täze dersleri girizmek we okuw hem-de hünär kämilleşdiriş maksatnamalary, şeýle-de degişli kadalaşdyryjy maksatnamalary işläp düzmek boýunça nusgalary we güýçlendiriji potensialy degişli. Çagalara laýyk gelýän we tassyklanan bilim syýasatyna esaslanyp, BMG mekdepden öňki we başlangyç bilim ulgamlarynda hemmeler üçin açyk okuw gurşawyny döretmäge üns berip, hemmeler üçin açyk bilim pudagynda milli gyzyklanýan taraplaryň potensialynyň yzygiderli ösdürilmegini üpjün etdi.

ÝUNFPA Jyns we reproduktiw saglygy (SRH) babatda bilim boýunça mugallymlar üçin türkmen dilinde düzülen usuly gollanmanyň täzelenmegini goldady. Ýetginjekler üçin sagdyn durmuş ýörelgeleri we sagdyn hereketleri ýerine ýetirmek barada oýunlar we wideo çeşmeler başlangyç bilim ulgamyna girizildi. Mekdeplerde SRH bilim maksatnamasy täzelendi we gözden geçirildi. Sebitleýin usulyýet merkezlerinde geçirilen okuwlaryň dowamynda orta mekdep mugallymlarynyň ýetmiş iki göterimi (72%) täze girizilen gollanmanyň üsti bilen jyns we reproduktiw saglygy bilen baglanyşykly dersi okatmakda hünär derejesini we başarnyklaryny kämilleşdirdi.

Göze ilýän öňegidişliklere garamazdan, käbir özgerdilmeli ugurlar hem bolup, olara aşakdakylar degişli:

- bilimiň ähli derejelerinde, işgärleriň potensialyny giňeltmek, şeýle-de çagalara seretmek boýunça pudaklarda hünärmenleri taýýarlamak;
- bilim ulgamynyň meýilleşdirme mümkinçiliklerini kämilleşdirmek;
- mekdeplerde reproduktiw saglygy boýunça meseleleriň üstünde durmak üçin jyns we reproduktiw saglygy boýunça hukuklar bilen baglanyşykly temada ýüze çykýan çekinmeleri aradan aýyrmak.

Pudagara hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin utgaşdyrylan çemeleşme girizilmeli. Maglumatyň ýygnalmagyny we seljerilmegini kämilleşdirmek, bilimiň hiline baha bermek we Durnukly ösüş

maksatlary ýaly bütindünýä görkezijilerine laýyk gelýän öňegidişliklere gözegçilik etmek maksady bilen, bilimde dolandyryşyň maglumat ulgamyny (E-MIS) ýola goýmak zerurlygy bar. Mümkinçiligi çäkliler üçin gözegçilik ediş we ýollaýyş boýunça häzirki zaman ulgamy, mümkinçilikleri çäklileriň lukmançylyk nusgasyna esaslanan hukuk we kadalaşdyryjy çemeleşmeler hemmeler üçin açyk bilim ýörelgelerini öňe çykarmakda we hemmeler üçin açyk bilim syýasatyny işläp düzmekde esasy päsgelçilikler hökmünde hereket edýär.

Reproduktiw saglygy boýunça bilim ulgamynda käbir sapaklar barada belläp bolar. Mekdeplerde jyns we reproduktiw saglygy boýunça okuwlaryň göwrelilik we jyns gatnaşyklarynyň üsti bilen geçirilýän keseller, jynsy gatnaşyklarda goraýjy serişdeleri we jyns alamatlaryna esaslanan zorluk ýaly temalar heniz hem bellibir derejede ýapyk bolmagyna galýar. Ýetginjekler jyns we reproduktiw saglygy bilen baglanyşykly meseleler barada mekdeplere gelýän lukmanlardan has içgin öwrenip bilýär. Bu lukmanlar ýetginjekleriň arasynda göwrelilik, AIW ýokanjynyň/jyns gatnaşyklarynyň üsti bilen geçirilýän keselleriň öňüni almak ýaly meseleler barada gysgaça maglumat berip bilýär. Ondan başga-da, ýetginjekler üçin jyns we reproduktiw saglygy boýunça hyzmatlaryň edilýän ýerleri barada hem maglumat alýar. Şeýle pudagara çemeleşmäniň üstünlikli boljakdygyna garaşylýar.

Netijeleriň durnuklylygyny we bilim ulgamynda giňeldilmegini üpjün etmek üçin pudaklaýyn ýa-da köppudakly syýasy resminamalarda degişli pudaklaýyn býujet paýlary barada maglumatyň hem saklanmagy möhümdir. Şeýle-de, täze tejribe girizilende, Günorta-Günorta hyzmatdaşlygynyň çäklerinde tejribäni paýlaşmak peýdaly bolar.

Umuman, yzygiderli tagallalar hemmeler üçin açyk we deň bilimi, şeýle-de hemmeler üçin tutuş ömrüň dowamynda okamak üçin mümkinçilikleri üpjün etmek üçin 4-nji Durnukly ösüş maksadyna ýetmek ugrunda Hökümetiň gün tertibine laýyk gelýär.

Bu maksatlara ýetmäge goşant goşan beýleki çärelere aşakdakylar degişli:

- Ýaşlar üçin ýolbaşçylyk akademiýasy we innowasiýalar barlaghanasy. Iki ýüz ýigrimi sany (220) ýaş adam saglygy goraýyş, daşky gurşaw, hemmeler üçin elýeter mümkinçilikler, ýaşlaryň gatnaşmagy we bilim ýaly meseleler bilen baglanyşykly 200-den gowrak meseläniň we 28 sany innowasion taslamanyň üstünde durup geçdi. Olaryň teklip eden pikirleri 2021-2026-njy ýyllar üçin Ýaşlar syýasaty baradaky kanunyň durmuşa geçirilmegi boýunça hereketleriň döwlet maksatnamasyna giriziler.



*Aşgabatdaky "Y-PEER" merkezi*

- Ýaş zenanlaryň we gyzlaryň hukuklary we mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilen onlaýn maglumat kampaniýasy. Dürli pudaklarda üstünlikli ýagdaýda işläp gelýän sekiz sany zenan özleriniň durmuş ýoly, gündelik meseleler bilen nähili ýagdaýda iş salyşýandygy we üstünlige nädip ýetendigi barada aýdyp berdi.

**3-nji netije:** Durmuş goraglylygy ulgamy jemgyýet derejesinde hemmeler üçin açyk we ýokary hilli goldaw hyzmatlaryny üpjün etmäge taýýar

**Gulluklar:** UNHCR, ÝUNISEF, BMGÖM

**Meýilleşdirilen:** 207 000,00 amerikan dollary

**Harçlanan:** 207 000,00 amerikan dollary

Milli durmuş goraglylygy ulgamy özgertmeleri başdan geçirýär. Olar durmuş goraglylygy ugrunda öň mugt esasda üpjün edilen hyzmatlara we artykmaçlyklara täzeden garamak bilen bagly. Bu başlangyçlar BMG-niň hereketleriniň öz wagtynda we talabalaýyk ýagdaýda girizilmegini üpjün edýär.



*Çeşme: ÝUNISEF Türkmenistan*

Esasy gyzyklanýan taraplaryň hem-de Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň gatnaşmagynda hyzmatlary üpjün etmek boýunça maksatnama işlenilip düzüldi. Esasy kommunal hyzmatlaryna baha berildi, onuň jedweli elýeter edildi. Şeýle-de bolsa, ol entek giňeldilmedi, çünki onuň üçin maliýeleşdirme üpjün edilmeli.

Degişli toparlara goldaw bermek üçin, ÝUNISEF durmuş goraglylygy işgärleri üçin ösüş boýunça okuwlaryň işlenilip düzülmegine ýardam berdi. Okuw maksatnamasynyň taslamasy degişli gyzyklanýan taraplar, şol sanda Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen taýýarlanyldy we ara alnyp maslahatlaşyldy. Durmuş goraglylygy boýunça okuw maksatnamasy mugallymçylyk mekdebinde girizildi, 2019-njy okuw ýylyndan başlap Türkmen döwlet lukmançylyk uniwersitetine-de okuw maksatnamasyny girizmek meýilleşdirilýär.

Hökümete degişli bolmadyk guramalaryň ornuny güýçlendirmegi dowam etdirmek üçin, BMG ýerli raýat jemgyýetleri boýunça guramalaryň we durmuş hyzmatlaryny üpjün etmek boýunça ministrlikleriň wekilleriniň potensialyny düzdi. Hökümete degişli bolmadyk guramalar üçin durmuş hyzmatlaryny üpjün etmekde şeýle guramalaryň hukuk kadalaşdyrylyşy boýunça öňdebaryjy tejribesi we durmuş hyzmatlaryny ýerine ýetirmegiň mehanizmleri barada öwrenmek üçin okuw saparlary guraldy. 2018-nji ýylyň noýabr aýynda BMG-niň Ösüş maksatnamasy we Hökümet “Türkmenistanda durnukly ösüş üçin durmuş hyzmatlaryny üpjün etmekde hökümete degişli bolmadyk guramalaryň orny” atly forumy gurady. Bu forum resmi wekiller we hökümete degişli bolmadyk guramalaryň arasynda ýurtda durmuş hyzmatlarynyň girizilmegi üçin zerur bolan hereketleri ýüze çykarmak boýunça netijeli gepleşikleriň geçirilmegine ýardam berdi. BMG-niň Ösüş maksatnamasy tarapyndan geçirilen Türkmenistanda durmuş hyzmatlaryna tiz ýagdaýda baha beriş işi hereket edýän kanunçylygyň çäklerinde üpjün edilýän durmuş hyzmatlaryny girizmegiň mümkin bolan we gysga möhletleýin çärelerini ýüze çykardy.

2018-nji ýylyň noýabr aýynda 735 adama raýatlygy bermek bilen, Türkmenistan raýatlygy bolmadyk adamlaryň sanyny azaltdy. UNHCR Merkezi Aziýanyň her döwletinde, şol sanda Türkmenistanda bosgunlar we raýatlygy bolmadyk adamlar bilen baglanyşykly döwlet kanunçylyk ulgamynyň doly seljeriş işiniň geçirilmegine ýardam berdi. Bu seljeriş işiniň maksady sebitde raýatlygy bolmadyk adamlaryň we bosgunlaryň hukuklaryny we goraglylygyny üpjün etmek boýunça iň gowy tejribäni ýüze çykarmakdan we 1951-nji ýylyň Bosgunlaryň statusy baradaky konwensiýa, 1954-nji ýylyň Raýatlygy bolmadyk adamlaryň statusy baradaky konwensiýa we 1961-nji ýylyň Raýatlygy bolmadyk adamlaryň sanyny azaltmak baradaky konwensiýa laýyk gelýän özgertmeleri geçirmek maksady bilen degişli edaralary çekmekden

ybaratdy. UNHCR “Keýik Okara” jemgyýetçilik guramasyna galan 22 sany bosgun üçin ygtybarly çözgütleri tapmak boýunça işi geçirmekde goldaw berdi. Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti Aşgabat şäherindäki ilçihanalar bilen habarlaşmagyň üsti bilen, milleti tassyklanylmadyk adamlara olaryň üçünji döwletiň raýatlygyny almaga bolan hukugy barada bilmäge ýardam berdi we raýatsyzlyga uçramak howpy abanýan adamlara dogluş hakyndaky şahatdanama ýaly şahsyýeti tassyklaýjy resminamalary almaga kömek berdi.

Durmuş hyzmatlaryny, şeýle-de BMG gulluklary bilen hyzmatdaşlygy güýçlendirmegiň zerurlygy bar. Ministrlikleriň arasynda hünärmenleriň iş toparyny döretmek zerur, onda jemgyýet derejesinde durmuş hyzmatlary ulgamy barada ara alnyp maslahatlaşylar we işlenilip düzüler. Bu ugurda indiki edilmeli iş durmuş hyzmatlaryny üpjün etmek bilen bagly milli kanunçylyga we jemgyýetçilik guramalaryň işiniň düzgünleşdirilmegine baha bermekden ybarat. Şeýle-de bolsa, jemgyýet derejesinde durmuş goldawy boýunça shemalary girizmek üçin çäklendirilen maliýeleşdirme durmuş goraglylygy bilen bagly işi girizmekde esasy päsgelçilik bolup durýar.

**4-nji netije:** Türkmenistanyň ilaty, esasan hem kömege mätäç adamlar, ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlary bilen has giň derejede üpjün edilýär, bu hyzmatlaryň üns merkezinde zenanlaryň we çagalaryň saglygy, iýmitlenme, ýokanç däl keseller, köp dermanlara durnukly bolan inçekesel (MDRTB), keselleri irki wagtda ýüze çykarmak we öz wagtynda öňüni almak ýaly meseleler bar

**Ü*ns merkezinde bolan adamlar: ýaş çagalar, ösüşde yza galýan çagalar, MDRTB näsaglary, ýaşlar, göwreli we emdirýän zenanlar, reproduktiw ýaşly zenanlar*

**Gulluklar**: BMG-niň Ösüş maksatnamasy, ÝUNFPA, ÝUNISEF, BMG NJBM, BSGG
**Meýilleşdirilen:** 6 170 399,9 amerikan dollary
**Harçlanan:** 5 960 826,27 amerikan dollary*

BMG we Hökümet ýokanç däl keselleriň (ýürek-damar keselleri, rak, diabet we öýkeniň hroniki keselleri) esasy howp faktorlaryna gözegçiligi güýçlendirmek ugrunda bilelikde işlemegini dowam etdi. BMG-niň gulluklarynyň goldawy bilen, Hökümet 2018-2025-nji ýyllar üçin Ilatyň fiziki işjeňligini ýokarlandyrmak boýunça milli strategiýany we meýilnamasyny, şeýle-de 2018-2024-nji ýyllar üçin Alkogolyň zyýanly täsiriniň öňüni almak boýunça milli maksatnamasyny we onuň meýilnamasyny işläp düzdi.

BMG sagdyn iýmitlenme we ýokanç däl keseller babatda howp faktorlar boýunça üç sany barlagyň, ýagny şäheriň azyk önümleri barada (“FEED” şäherleri), çagalaryň arasynda aşa semizlik (“COSI”), şeýle-de ýokanç däl keselleriň ýaýramagy boýunça howp faktorlary boýunça barlaglaryň (“STEPS”) netijesinde alnan maglumatyň üsti bilen hakyky maglumata esaslanan syýasatlary işläp düzmäge ýardam berdi. Barlaglaryň netijeleri 2019-njy ýylyň başynda Aşgabatda geçiriljek ýokanç däl keseller boýunça ýokary derejeli halkara maslahatynda görkeziler. BSGG saglygy goraýyş ulgamynyň umumy barlagyny geçirdi, onuň netijesinde ýokanç däl keseller boýunça barlaglaryň netijelerini gowulandyrmagyň kynçylyklary we mümkinçilikleri ýüze çykaryldy we dürli ýurtlaryň bilim ulgamy üçin ulanylyp bilinjek innowasiýalar we gowy tejribeler kesgitlendi. Netijelerde 2019-njy ýylda neşir ediljek her ýurda degişli netijeli syýasat babatda maslahatlar berildi.

Türkmenistan Psihiki saglygy barada kanuny gözden geçirmegiň we Türkmenistanda 2018-2022-nji ýyllar üçin psihiki saglygy boýunça milli strategiýany kabul etmegiň üsti bilen psihiki saglygy boýunça hyzmatlar üçin hukuk we kadalaşdyryjy maksatnamalary uly derejede kämilleşdirdi. Strategiýada psihiki saglygy boýunça hyzmatlaryň esasy saglygy goraýyş ulgamyna girizilmegi, keselleri ýüze çykarmagyň, öňüni almagyň we bejermegiň kämilleşdirilmegi göz öňünde tutulýar.



*Çeşme: BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Türkmenistan*

Türkmenistan ýokanç däl keselleri ýüze çykarmak we olara gözegçilik etmek, şeýle-de patogenleri bejermek boýunça mümkinçiliklerini güýçlendirdi. Aşakdaky ugurlar boýunça goldaw berildi:

- Halkara saglygy goraýyş düzgünleriniň durmuşa geçirilmegine gözegçilik etmekde döwletiň mümkinçiliklerini güýçlendirmek. Oňa aşakdaky Halkara saglygy goraýyş düzgünleri bilen baglanyşykly dürli milli gollanmalaryň işlenilip düzülmegi degişli: Adatdan daşary ýagdaýlarda aragatnaşyk boýunça milli meýilnamasy, milli syýasat, 2018-nji ýylda Türkmenistanda saglygy goraýyş ulgamynda barlaghana hyzmatlaryny ösdürmek üçin strategik we iş meýilnamalary;
- gözegçilik ediş we barlaghana işleriniň mümkinçiliklerini gowulandyrmagyň üsti bilen, 2017-2025-nji ýyllar üçin Mikroblara garşy serişdelere gözegçilik üçin milli strategiýa;
- barlaghana anyklaýjy işini gowulandyrmagyň, epidemiýa gözegçilik etmek boýunça elektron maglumat binýatlaryny döretmegiň, kesselleriň ýaýramagy we bu boýunça hereketler babatda, şeýle-de ýiti agyr dem alyş sindromy bilen kesellän näsaglary kliniki taýdan we esasy proseduralaryň üsti bilen bejermek boýunça täze düzgünleri tassyklamak;



*Çeşme: BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Türkmenistan*

- poliomielit keselinden azat döwlet hökmünde statusy saklamak we oňa bolan gözegçiligi güýçlendirmek;
- 2003-2020-nji ýyllarda Türkmenistanda immuniteti goramak boýunça milli maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi;
- wirusly gepatit keseline gözegçilik etmek. Türkmenistanda 2019-2030-njy ýyllar üçin Wirusly gepatite garşy gözegçilik çärelerini güýçlendirmek boýunça ilkinji strategik meýilnamasy işlenilip düzüldi we tassyklandy. Bu meýilnama 2018-nji ýylyň dekabr aýynda gol çekildi.

Inçekesele garşy göreşmek işinde Hökümet we BMG syýasat boýunça, şeýle-de derman serişdeleri we reagentler bilen üpjün etmek babatda maslahat bermek, potensialy ösdürmek, tehniki goldaw bermek ýaly pudaklarda toplumlaýyn işleri geçirdi. Hökümet inçekeseli bejermek üçin dermanlary we reagentleri satyn almakda bütindünýä gaznasynyň berýän kömeginden ýurduň bu serişdelerini öz hasabyna satyn almaga geçmeginiň tarapdary boldy. Bilelikde maliýeleşdirmek boýunça 2016-2017-nji ýyllarda gol çekilen ylalaşyklara laýyklykda, Hökümet inçekesele garşy ýokary hilli dermanlary, reagentleri we AIW ýokanjy boýunça testleri satyn almak üçin serişdeleri üpjün etdi. Hökümet we BMG bilelikde maliýeleşdirmäniň esasynda, 2019-2020-nji ýyllarda üçin

zerur bolan anyklaýyş gurallary we derman serişdeleri satyn almak boýunça täze ylalaşygy hem baglaşdy.

BMG we Türkmenistan tutuş ýurtda barlaghana anyklaýyş işini gowulandyrmagyň, täze derman serişdelerini, bejerişiň täze usullaryny we kesgitlemeleri hem-de täze hasaba alnyş görnüşlerini ulanmagyň üsti bilen, “Inçekeseli ýok etmek” atly strategiýany durmuşa geçirdi. Köp dermanlara durnukly inçekesele gözegçilik etmek boýunça milli düzgünler täzelendi. Köp dermanlara durnukly inçekeselden ejir çekýän näsaglary BSSG-nyň maslahatlaryna we infeksion gözegçiligi boýunça talaplara laýyklykda bejerilmegini üpjün etmek babatda goldaw berildi. Inçekesel we ilkinji lukmançylyk kömegi boýunça hünärmenleriň köp dermanlara durnukly bolan inçekeseli kliniki taýdan bejermek boýunça potensialyny güýçlendirmäge aýratyn üns berildi, onuň çäginde Türkmenistanyň ähli ýerlerinden inçekesel boýunça hünärmenler üçin 6 sany kaskad okuwlary geçirildi.

Köp dermanlara durnukly bolan inçekeseliň öňüni almaga esaslanan inçekesel gözegçiligi (şol sanda, infeksiýalara bioinženeriýa gözegçiligini etmek) babatda milli potensial we bilimler üpjün edildi. Okuwlaryň netijesinde barlaghana enjamlarynyň, howa çalşyrylyş ulgamynyň we biologik taýdan howpsuz otaglaryň talabalaýyk derejede ulanylmagyna ýardam berdi. Ondan başga-da, Türkmenistanyň ähli ýerlerinden inçekesel boýunça hünärmenler inçekesele garşy dermanlary (şol sanda, täze dermanlary) talabalaýyk derejede ulanmak we olaryň ýetmezçiliginiň öňüni almak üçin mukdarlaýyn hem-de öz wagtynda habar beriş ulgamy (“Quan-TB”) barada bilimlerini köpeltdi.

2018-nji ýylda dermanlara duýgur bolan inçekeselden ejir çekýän 2,5 müň näsag, dermanlara durnukly bolan inçekeselden ejir çekýän 680 sany näsag bejergi aldy; 4856 adamlaryň dermanlara duýgurlyk derejesi barlandy; 10482 adam tussag astynda saklanýanlar üçin merkezi hassahanada elýeter bolan “GenXpert MTB” tiz molekulýar usulyna, “Rif” tehnologiýa laýyklykda barlagdan geçirildi. Milli barlaghana we inçekesel boýunça üç barlaghana (Mary, Lebap we Daşoguz welaýatlarynda) daşky hil barlagyndan geçirildi. Bütindünýä gaznasynyň grantyny alýan Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň wekilleri ilkinji lukmançylyk kömegi we inçekesel boýunça hünärmenleriň 77 sanysy bilen okuwlary geçirdi, köp dermanlara durnukly inçekeselden ejir çekýän 1078 näsaga we olaryň maşgalalaryna jemgyýetçilik we psihologik goldawyny berdi; näsaglar üçin edaralarda 394 adamy maglumat bilen üpjün etdi; 10274 öýe aýlandy.

BMG 2019-2025-nji ýyllar üçin Iýmitlenme boýunça milli strategiýany işläp düzmekde Hökümete goldaw berdi. Bu strategiýa çagalaryň we olaryň eneleriniň arasynda ýeterlik derejede ösüp bilmezlik, aşa semizlik we anemiýa bilen baglanyşykly nädogry iýmitlenme meselesini peseltmäge gönükdirilen. BMG göwreli zenanlar, şeýle-de atalar we eneler üçin ösüş maksatly aragatnaşyk, saglygy goraýyş we maslahat beriş boýunça netijeli çäreleriň üsti bilen, ene-atalary degişli maglumat we hyzmatlar bilen üpjün etdi. BMG ýurtda saglygy goraýyş ulgamyny berkitmegiň we 2-nji hem-de 3-nji Durnukly ösüş maksatlary ugrunda gazanylýan öňegidişliklere gözegçilik etmegiň esasynda çözgütleri kabul etmegiň üsti bilen, lukmançylyk kömeginiň hilini ýokarlandyrmak ugrunda saglygy goraýyş boýunça maglumaty dolandyrmak ulgamyny (“H-MIS”) döretmek babatda çykyş etmegini dowam etdi.

Häzirki wagtda ýatgynyň inçelýän ýeriniň rak keseli boýunça barlag başlangyç lukmançylyk kömeginiň çäginde reproduktiw saglygy otaglaryň 90%-nde amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň buýrugyna laýyklykda, 2018-nji ýyldan başlap, 15-19 ýaşly ýetginjeklere kontrasepsiýa serişdelerden mugt esasda peýdalanmak hukugy berildi. Hökümet maşgala döretmegi meýilleşdirmek boýunça hyzmatlary satyn almakda we üpjün etmekde, şeýle-de gowşak topara degişli zenanlar üçin kontrasepsiýa serişdeleri mugt esasda üpjün etmekde doly jogapkärçiligi öz üstüne alýar.

Hökümet kliniki protokollara laýyklykda, akuşerlere adatdan daşary ýagdaýda akuşerçilik kömegini bermegi öwretmek boýunça lukmançylyk enjamlaryny we gurallaryny satyn almak üçin 65900 amerikan dollara deň bolan serişdeleri üpjün etdi. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi erkekleriň reproduktiw saglygyny üpjün etmek boýunça karary kabul etdi, ol keseli irki döwürde ýüze çykarmak, toplumlaýyn hyzmatlary üpjün etmek, şeýle-de erkekleriň önelgesizlik meseleleri bilen iş salyşmak bilen baglanyşykly reproduktiw saglygy boýunça düzgünlerden ybarat.

Reproduktiw saglygy, zenanlaryň, ýaş çagalaryň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramak boýunça gulluklara baha bermek üçin 143 görkeziji boýunça maglumat ýygnaldy. Bu baha beriş işi 2019-njy ýylda täze maksatnamanyň işlenilip düzülmegi üçin esas bolup hyzmat eder. Hroniki kesellerden ejir çekýän zenanlaryň arasynda göwrelilik meselesi boýunça 9 kliniki protokol işlenilip düzüldi we barlag üçin iberildi. Howpa getirip biljek ýagdaýlary gözden geçirmek tejribesi ýene 5 etraba girizildi. Wagyz ediş işleriniň netijesinde, maglumaty ýygnamak boýunça milli ulgamda 10-14 ýaşly gyzlaryň arasynda göwrelilik boýunça görkeziji bolup, onda ýaşa görä reproduktiw we dogluş boýunça umumy maglumat bar.



*Çeşme: BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Türkmenistan*

Inçekesele garşy göreşmek boýunça milli maksatnamanyň esasynda alnan inçekesel barada maglumatyň hili ýokarlandyrylmaly. Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti inçekeseli bejermäge gatnaşýan ýeke-täk hökümete degişli bolmadyk edara bolandygy üçin, inçekeseli bejermäge jemgyýetiň gatnaşygyny güýçlendirmek zerurlygy bar. Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi bu ugurda ýene bir mümkin bolan hyzmatdaş bolup, onuň täsir ediş gerimi giň. Maslahatlardan soň, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti we Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi işleriň üçtaraply meýilnamasyna gol çekdi hem-de dokma fabriklerde işleýän we saglyk merkezlerine gelýän zenanlaryň 800 sanysyna inçekesel barada maglumat berildi. Şeýle üçtaraply hyzmatdaşlyk 2019-njy ýylda dowam etdiriler.

Reproduktiw saglygy pudagynda howplara getirip biljek ýagdaýlara syn bermek ýaly seljermeleri girizmek zerurlygy bar. Perinatal barlagy eneleriň ölüm derejesi boýunça hasabaty bermegiň hilini gowulandyrmak işini başlamakda ýokary derejede netijeli bolup durýar.

Reproduktiw saglygy, zenanlaryň, ýaş çagalaryň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramak boýunça strategiýany durmuşa geçirmegiň gowy netijelerini gazanmak üçin birnäçe faktor hasaba alynmaly. Olar ýeterlik dereje maliýe serişdelerini üpjün etmek, akademik taýýarlygy we işgärleriň taýýarlygyny gowulandyrmak, işgärleri dolandyrmak ulgamyny güýçlendirmek, enäniň we çaganyň saglygy üçin ülňüleri we gurallary ýola goýmak, şeýle-de ýygy-ýygydan bolup geçýän täzelikleri, protokollary, auditleri we ş.m. gözden geçirmegiň üsti bilen çäklendirmeleri aradan aýyrmaga ýardam berýän saglygy goraýşy dolandyrmagyň ulgamyny kämilleşdirmek bilen baglanyşykly.

## 3-nji strategik ugur - Daşky gurşaw durnuklylygy we energiýanyň netijeliligi

2018-nji ýylda bu ugurdaky iş aşakdakylary öz içine aldy:

- Türkmenistanda suw baýlyklaryny netijeli dolandyrmak üçin energiýanyň netijeliligi we energiýanyň täzelenýän çeşmeleri;
- Türkmenistanyň gurak sebitlerinde oba-hojalyk ýerlerinde howa şertlerinde durnukly ýaşaýyş mümkinçiliklerini goldamak;
- Türkmenistanyň durnukly şäherleri: Aşgabatda we Awazada daşky gurşawa ýaramly toplumlaýyn özgertmeler.

**5-nji netije**: Döwlet syýasaty, kanunçylyk we edara meýilnamalary ýylylyk gazlaryň howa zyňylmagyny peseltmek we energiýanyň netijeliligi, energiýanyň täzelenýän çeşmelerini ulanmak, şäherleriň ösüşi we galyndylary gaýtadan ulanmak boýunça durnukly tejribeleri öňe çykarmak maksadyna laýyk gelýär.

**Gulluklar**: BMG-niň Ösüş maksatnamasy
**Meýilleşdirilen**: 1 308 368 amerikan dollary
**Harçlanan**: 1 247 859 amerikan dollary*


*Çeşme: BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Türkmenistan*

Energiýanyň netijeliligi we suwy durnukly ýagdaýda dolandyrmak üçin energiýanyň täzelenýän çeşmeleri boýunça başlangyç Türkmenistanda iki sany esasy strategik netijä ýetmäge ýardam berdi.

Birinjiden, 2018-nji ýylyň aprel aýynda ýeriň üstündäki suwuň ýitmeginiň öňüni almak üçin Kaka şäherinde ýeriň üstündäki suw turbasy açyldy. Netijede, 40-a golaý suw sorujy ýapyldy we olar bilen baglanyşykly ýylylyk gazlaryň zyňyndylarynyň derejesi peseldi. Bu başlangyç howplary peseldiji we uýgunlaşdyryjy täsiri üpjün etmäge niýetlenilipdi. Ýurtda şeýle şertleri bolan başga ýerleriň bardygyny hasaba alyp, bu işleri gaýtalamagyň mümkinçiligi ýokary bolup durýar. Täze turba geçirijisine häzirki wagtda edilýän gözegçilik bu başlangyjy giňeltmegiň mümkinçilikleri barada milli hyzmatdaşlar bilen gepleşiklere girmäge esas hökmünde hyzmat edýär.

Taslamanyň beýleki peýdaly taraplaryna aşakdakylar degişli: (i) suwuň hiliniň gowulandyrylmagy ýerli ilatyň saglygyna gowy täsir edýär; (ii) öňki wagtlarda ýygy-ýygydan gaýtalanýan siller zerarly derýanyň akymyna zeperiň ýetilen halatlar bolan bolsa, häzirki wagtda turba geçiriji suwuň ygtybarly we howpsuz ýagdaýda geçirilmegini üpjün edýär; (iii) tygşytlanan derýa suwy oba-hojalyk maksady bilen ýerli suwarylýan ýerleri giňeltmek üçin ulanylyp bilner we ýerli ilatyň ýaşaýyş şertleriniň gowulandyrylmagyna ýardam berer.


*Çeşme: BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Türkmenistan*

Ikinjiden, iýun aýynda dürli suwaryş ulgamy we infrastrukturasy bolan 145 gektara deň barlag meýdançasy taýýarlandy. Taslamanyň netijesinde bu suwaryş ulgamlaryň dürli

ekinlere ýetirýän täsiri barada barlag we seljeriş işleri geçirildi. Bu köpýyllyk proses hasaba alnar, onuň netijeleri bolsa ýurduň oba-hojalygyň ösüşine strategik taýdan ýardam bermek maksady bilen Hökümete görkeziler. Oňa bolsa oba hojalyk bilimi boýunça maksatnama üýtgeşmeleriň girizilmegi hem degişli.


Çeşme: BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Türkmenistan

Oba-hojalykda suw tygşytlaýjy suwaryş we ýerleri durnukly dolandyryş (SLM) üçin platforma hökmünde 145 gektarlyk barlag meýdançasy suwaryşyň we häzirki zaman oba-hojalygyň iň soňky gazananlaryny görkezýär. Olara ýeri lazeriň kömegi bilen tekizlemek, damjalaýyn suwaryş, sepgiçler, hereketli we göni suw üpjünçilik ulgamlary degişli. Suwy ulanmagyň adaty tejribeleri bilen deňeşdirilende, bir ýyldan hem az wagtda 50%-e golaý suw tygşytlandy, ekinleriň görnüşine laýyklykda hasyllylygyň derejesi bolsa 40-50%-e ösdi. Oba-hojalygyň uzak möhletleýin ösüşi üçin bu netijeler hökümet tarapyndan bellendi.

Döwlete degişli 121 senagat suw sorujylarynyň barlagy geçirildi. Onuň netijesinde suw üpjünçiligi we energiýanyň ulanylmagy nukdaýnazardan netijesizlik we kemçilikler ýüze çykaryldy. Barlagyň netijesinde, taslama laýyklykda bäş köne suw sorujy suwy we energiýany tygşytlaýan häzirki zaman suw sorujylar bilen çalşyryldy, şeýle-de milli hyzmatdaşlara ýurtda suw sorujylary satyn almak, gurnamak we tehniki taýdan düzetmek işlerini suw-energetika kadalaryna we ülňülerine laýyk getirmekde ýardam berildi. Bu iri çäräniň ýylylyk gazlaryň zyňyndylarynyň azalmagyna getirjekdigine garaşylýar.

Taslama Suw kodeksine goldaw hökmünde dört sany düzgünleşdiriji namanyň işlenilip düzülmegine itergi berdi, olara (i) suw sorujy beketler üçin iş düzgünleri; (ii) suw ulgamlaryny we desgalary üçin meýilleşdirilen öňüni alyş we tehniki hyzmat ediş hem-de bejeriş boýunça düzgünler; (iii) suwaryş infrastrukturasy üçin tehniki düzgünler; we (iv) drenaž infrastrukturasy üçin tehniki düzgünler. Türkmenistanyň Oba-hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan tassyklanjak bu düzgünler suw infrastrukturasynyň netijeliligini kämilleşdirmäge we suwy ulanmakda ýylylyk gazlaryň zyňyndylaryny peseltmäge ýardam berer.

Gurak ýerleriň oba hojalyk meýdanlarynda howa durnukly şertleri goldaw bermek ugrunda döwlet kanunçylygyny kämilleşdirmäge ýardam bermegini dowam etdi. Oňa mysal hökmünde, 2017-nji ýylda Ýer baradaky kadastryň kabul edilmegi, Ýer baradaky kodeksiň täzelenmegi degişli bolup, bu işlere milli parlament tarapyndan garalýar. Suw boýunça kanunçylygy kämilleşdirmek üçin iş topary döredildi. Esasan hem, Suw kodeksine we Daýhan birleşikler we daýhan umumylyklary baradaky kanunlara üýtgeşmeleriň toplumy girizildi.

“Durnukly şäherler” atly başlangyjyň çäginde taslamanyň geňeşiniň başlangyç okuwlary we ilkinji ýygnagy geçirildi. 2018-nji ýylyň oktýabr aýynda hususy we döwlet sektorynyň işjeň gatnaşmagynda interaktiw gepleşikler geçirilip, onda durnukly şäherler boýunça hünärmenler şäherleri dolandyrmakda öz tejribeleri we öwrenen sapaklary barada maglumat berdi.

2018-nji ýylyň ýanwar aýynda “Merkezi Aziýada senagat heläkçilikleriniň serhetara netijeleri boýunça BMG-niň Ýewropa üçin Ykdysady komissiýasynyň konwensiýasynyň durmuşa geçirilişini we oňa goşulmagy güýçlendirmek” atly taslamanyň çäginde milli hünärmen toparynyň duşuşygy geçirildi. Maslahatyň geçirilmegi Senagat heläkçilikleri boýunça konwensiýanyň

durmuşa geçirilmegi we oňa goşulmagy boýunça milli hereketleriň meýilnamasyny işläp düzmek we senagat howpsuzlygyna baha bermek üçin mümkinçilikleri giňeltmäge ýardam berdi.




*Çeşme: BMG, Türkmenistan*

Ondan başga-da, BMG galyndylary azaltmak, täzeden ulanmak we saklamak boýunça tejribeleri girizmäge niýetlenen “Daşky gurşawy goralyň” atly başlangyjy geçirmegiň üsti bilen ekologik taýdan arassa we netijeli işleriň geçirilmegine ýardam berdi. Çäräniň çäginde hökümete degişli däl ýerli edaralaryň üsti bilen mätäç maşgalalara ibermek maksady bilen, egin-eşikleri, kitaplary, oýunjaklary we öý hojalygyna degişli beýleki zatlary ýygnamak üçin haýyr-sahawat işleri boýunça mehanizm gurnaldy; ýerli hususy kärhana bilen hyzmatdaşlykda, BMG-niň ofisinde kagyzlary ýygnamak we olary täzeden ulanmak tejribesi tanyşdyryldy. Aprel aýynyň 22-ne geçirilýän Ýeriň güni bilen baglylykda, BMG-niň işgärleri BMG-niň binasynyň ýanynda ýowar işlerini geçirmek we gül ekmek üçin ýygnandy, çagalar bolsa gaýtadan işlenen materiallary ulanmak boýunça okuwlary geçdi.

**6-njy netije:** Milli syýasat, kanunçylyk we edara meýilnamalary ulgam we jemgyýet derejelerinde howa şertleriniň üýtgemeginiň durnuklylygyny, uýgunlaşmany üpjün etmek, howa şertleriniň howplary bilen iş salyşmak we betbagtçylyklaryň howplaryny azaltmak boýunça çärelere ýardam bermegiň üsti bilen howa şertleriniň üýtgeýşi boýunça meseleleri çözmäge gönürdirilendir

**Gulluklar**: BMG-niň Ösüş maksatnamasy, ÝUNISEF, ÝUNFPA
**Meýilleşdirilen**: 1 889 703 amerikan dollary
**Harçlanan**: 1 426 740,47 amerikan dollary*

2018-nji ýylda bu netije boýunça gazanylan öňegidişlikler bellärliklidir. Bu boýunça işler howa şertleriniň üýtgemeginiň durnuklylygy, uýgunlaşma we betbagtçylyklaryň howplaryny azaltmak bilen baglanyşyklydyr. Netijeleri ýokarda beýan edilen 145 gektar barlag meýdançasynda geçirilen uýgunlaşma tejribeleri Lebap we Daşoguz welaýatlarynda geçirilen işler bilen berkidildi.


*Çeşme: BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Türkmenistan*

"Türkmenistanyň gurak sebitlerinde oba-hojalyk ýerlerinde howa şertlerinde durnukly ýaşaýyş mümkinçiliklerini goldamak" atly BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň taslamasynyň çäginde oba-hojalyk bilim boýunça merkez hökmünde hyzmat edýän iki sany oba-hojalyk maglumat beriş merkezi açyldy.

Olarda oba hojalyk meseleleri bilen baglanyşykly maslahatlar ýerli jemgyýetiň wekilleri üçin mugt esasda üpjün edilýär. 1500 daýhandan (50%) we olaryň maşgala agzalarynyň azyndan 30%-i zenanlar tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän öý hojalyklary bolup, olar uýgunlaşma boýunça çäreleriň birnäçesini durmuşa geçirmegiň üsti bilen, oba hojalyk ekinlerini öndürmek ulgamyny we ýaşaýyş şertleri kämilleşdirdi. Bu çärelere aşakdakylar degişli:

- tekiz suwaryş şlanglary, sifonlar, suw ölçeýji enjamlar ýaly suw tygşytlaýjy tehnologiýalarynyň kömegi bilen suwaryş tejribesiniň kämilleşdirilmegi;
- suwaryşyň wagtyny we mukdaryny azaldýan lazer enjamlarynyň kömegi bilen ýeriň tekizlenmegi suwuň deň bölünmegini, ýeri taýýarlamakda suwuň az mukdarda harçlanmagyny, ekinler üçin daşky gurşawyň çyglylygynyň deň derejede bölünmegini üpjün edýär;
- meýdanlardaky suwy yzyna çekmegiň üsti bilen we energiýany tygşytlamak maksady bilen ätiýaç wezipeleri bolan häzirki zaman güýçli suw sorujylary gurnamagyň üsti bilen grunt suwlarynyň derejesini deňagramlykda saklamagyň kömegi bilen ýeriň meliorasiýasy.

Ondan başga-da, merkez uýgunlaşma boýunça iň netijeli çäreleri we howa şertleri bilen baglanyşykly maglumat ulgamlary tanyşdyrmaga üns berýär. Hususy daýhanlar oba hojalyk işiniň howa şertleri bilen bagly hili boýunça maslahat berýän maglumat ulgamlaryna uly gyzyklanma bildirdi. Netijede, 10 müňden gowrak daýhanyň durmuş-hojalyk sertleri 5-10%-e ýokarlandy, çünki olar has ýokary hasyllylygy alyp başlady we ýerlerde suwy az sarp etdi. Ulgamyň täsirlerine we ony ýaýratmagyň mümkinçiliklerine düşünmek üçin, onuň barlagy 2019-njy ýylda dowam etdiriler.

Bu başlangyjyň çäklerinde 470 adam, şol sanda 80 hökümet işgäri, esasy sebitleriň daýhanlary we ýerli hünärmenler (olardan 20%-i zenan) ýerden we suw baýlyklaryndan netijeli peýdalanmak, durnukly oba-hojalyk, howa şertleriniň üýtgemegina uýgunlaşmak ýaly meseleler boýunça okuwlary geçdi. 2018-nji ýylda döwlet gulluklaryndan we ýerli daýhanlardan ybarat 50-den gowrak hünärmen bilen mümkinçilikleri giňeltmek boýunça çäreler ýygy-ýygydan geçirildi,

ýurduň ähli 5 welaýatynda suw boýunça 100 sany ýerli inženerlere suwy we ýeri durnukly ýagdaýda dolandyrmak, şeýle-de dürli hasyllar üçin energiýa taýdan netijeli suwaryş tehnikalary bilen bagly meseleler babatda sapak berildi.

Häzirki wagtda suwy bölüp bermegiň hojalykara etraplaýyn we sebitleýin meýilnamalary işläp düzmegiň usulyýeti işlenilip düzülýär. Bu usulyýet Türkmenistanyň Oba-hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligine suwy toplumlaýyn ýagdaýda bölüp bermek boýunça sebitleýin meýilnamalary işläp düzmäge ýardam berer.


Çeşme: BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Türkmenistan

Uýgunlaşma boýunça bilelikdäki ýerli meýilnamalary (LAPs) dördüsi işlenilip düzülýär. Bu meýilnamanyň soňky görnüşi howa şertleriniň üýtgemegine uýgunlaşmak boýunça innowasion tehnologiýalary ulanmakda goldaw almak üçin ýerli edaralara we taslama boýunça beýleki hyzmatdaşlara berler.

2018-nji ýylda BMG Howa şertleriniň üýtgemegi boýunça strategiýany (2012-nji ýyl) täzelemek we Pariž şäherindäki ylalaşygy durmuşa geçirmek üçin hereketleriň meýilnamasyny işläp düzmek işine ýardam berdi. Täzeden garamagyň maksady howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleleri ýurtda ýaňy-ýakynda kabul edilen durmuş we ykdysady ösüş boýunça döwlet maksatnamalaryna girizmekden we olary Durnukly ösüş maksatlary bilen 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibi we Howanyň üýtgemegi boýunça Pariž şäherindäki konwensiýa ýaly halkara resminamalara laýyk getirmekden ybarat. Ondan başga-da, strategiýanyň täze görnüşinde döwlet derejesinde howplary peseltmek we şertlere uýgunlaşmak işini durmuşa geçirmekde we ony maliýeleşdirmekde gazanylýan öňegidişliklere gözegçilik ediş mehanizmi kesgitlener, bu mehanizmde takyk görkezijiler we wagt möhletleri kesgitlener. Ondan başga-da, täzeden garamak işine halkara derejeli hyzmatlar hem goşulýar. Mysal üçin, Germaniýanyň halkara hyzmatdaşlygy boýunça jemgyşeti (“Deutsche Gesellschaft fur Internationale Zusammenarbeit (GIZ) GmbH”) howanyň üýtgemegi boýunça döwlet strategiýasyny täzelemek we howanyň üýtgemegi boýunça Pariž Ylalaşygy boýunça hereketleriň meýilnamasyny taýýarlamak ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça gyzyklanmasyny beýän etdi.



Çeşme: ÝUNISEF, Türkmenistan

Howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak boýunça çäreler irki ýaşdan başlanmaly. Onuň bilen baglylykda, BMG daşky gurşaw bilen baglanyşykly dersleri kiçi synplardan başlap, mekdeplere girizmek boýunça köpsanly başlangyçlary goldady. BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň “Howanyň üýtgemegi boýunça bilim we maglumat beriş taslamasy – howa gutujygy” atly sebitleýin başlangyç, howa şertleri bilen baglanyşykly okuw gollanmalar ýurduň bilim edaralaryna görkezildi. 30 mugallym we usulyýetçi bu gollanmalar bilen tanyşdyryldy. Türkmenistanyň Bilim ministrligi we şäherçeleriň ýerli bilim bölümleri okuwlaryň geçirilmegine ýardam berdi. “Howa gutujygy” diýlip atlandyrylýan bir günlük tanyşdyryjy okuwlar bäş welaýatda we Aşgabatda geçirilip, olara 200-e golaý mugallym gatnaşdy. Türkmenistan üçin “Howa gutujygy” diýlip

atlandyrylýan gollanmanyň ýerli görnüşini işläp düzmek üçin iki döwlet hünärmeni (usulyýet boýunça bir hünärmen, howanyň üýtgemegi boýunça bir hünärmen) bellendi.

ÝUNISEF howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleleriň başlangyç we orta mekdepleriň okuw maksatlaryna girizilmegine goldaw berdi. Bu tagallalar Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň "Çagalaryň howanyň üýtgemegine uýgunlaşmagynyň durnuklylygyny ýokarlandyrmak" baradaky bilelikdäki başlangyjynyň durmuşa geçirilmegi bilen berkidiler. Bu başlangyjyň maksady mekdeplerde çagalary howanyň üýtgemegine we daşky gurşaw bilen baglanyşykly howplara has gowy uýgunlaşmagy boýunça mümkinçiliklerini giňeltmekden ybarat. Hökümet başlangyç we orta mekdeplerde howanyň üýtgemegi boýunça teklip edilen okuw maksatnamasyny tassyklamak üçin gözden geçirýär.

12-nji we 13-nji Durnukly ösüş maksatlary boýunça Türkmenistanyň wezipeleriniň çäginde, BMG howplaryň öňünde iň ejiz toparlara (zenanlar, çagalar we mümkinçiligi çäkli şahslar) aýratyn üns berip, betbagtçylyklaryň howpuny azaltmak üçin döwlet strategiýasynyň işlenilip düzülmegini goldady. Mümkinçiligi çäklileriň we çagalar üçin betbagtçylyklaryň howpuny azaltmak boýunça hereket bütin ýurtda mekdepden öňki edaralarda we saglygy dikeldiş merkezlerinde şeýle ülňüleri tanyşdyrmak maksady bilen başlandy.

BMG-niň Ösüş maksatnamasy bilen Daşky gurşaw üçin bütindünýä maliýeleşdirme maksatnamasynyň (GEF) "BMG-niň Biologik dürlülik boýunça konwensiýasynyň 6-njy milli hasabatyny taýýarlamaga ygtyýar taraplara goldaw bermek" atly bilelikdäki taslamasynyň çäginde, 6-njy milli hasabatyň jemleýji görnüşi taýýarlandy. Bu hasabat BMG-niň Biologik dürlülik boýunça konwensiýasynyň guramasyna iberilip we onuň web-sahypasyna (https://www.cbd.int/reports/) ýüklenilip, hökümetiň ýurduň ösümlik we haýwanat dünýäsini goramaga bolan tagallalaryny şöhlelendirýär. Bu tagallalara, esasan, aşakdakylar degişli:

- döwlet maksatnamasyna laýyklykda şäherleri we şäherçeleri bagy-bossanlyga öwürmek boýunça ýurduň tagallalary;
- "Altyn Asyr" Türkmen kölüniň gurluşygynyň ýeriň meliorativ şertleriniň gowulanmagyna, hasyllylygyň ýokarlanmagyna we ýerli ösümlik hem-de haýwanat dünýäsiniň baýlaşmagyna ýetirýän täsiri;
- daşky gurşaw kanunçylygy bilen baglanyşykly kanunlaryň kabul edilmegi;
- halkara hyzmatdaşlaryň we/ýa-da bilelikdäki taslamalaryň (BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Daşky gurşaw üçin bütindünýä maliýeleşdirme maksatnamasy) biodürlüligiň goralmagyna, ýer we tokaý baýlyklaryna goşýan goşandy.

Hasabatda Biodürlüligi goramak boýunça milli strategiýanyň hem-de hereketleriň meýilnamasynyň kabul edilmeginiň zerurlygy barada aýratyn bellenýär.

2018-nji ýylda BMG-niň Ösüş maksatnamasy "Seýsmik howplara baha bermek, mümkin bolan ýer titremeleriň öňüni almak we olar babatda hereket etmek" atly taslamany işe girizdi. Bu taslama Hökümet tarapyndan bilelikde maliýeleşdirilýär. Bu öňdebaryjy başlangyjyň maksady seýsmik howplary barada öňünden bilmek we olara baha bermek boýunça toplumlaýyn strategik çemeleşmäni işläp düzmekde we ony durmuşa geçirmekde, şeýle-de adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlanmak we degişli hereketleri etmek boýunça milli potensialy güýçlendirmekde Türkmenistana goldaw bermekden ybarat. Aerokosmos gözegçiligi boýunça "Aerokosmos" atly ylmy-barlag instituty, Lomonosow adyndaky Moskwa döwlet uniwersitetinde Sanly ykdysadyýet boýunça milli merkez, Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň Ýeriň fizikasy boýunça institut, Geo-ekologiýa instituty, Amaly geoylymlar boýunça Merkezi Aziýanyň instituty, Russiýanyň raýat goraglylygy we adatdan daşary ýagdaýlar boýunça ylmy-barlag instituty, Germaniýanyň Geoylymlar boýunça ylmy-barlag merkezi (GeoForschungsZentrum), Bütindünýä Ýer titreme

nusgasy (GEM) we ş.m. seýsmik howplary boýunça öňdebaryjy ylmy-barlag merkezleri bilen hyzmatdaşlyk ýola goýuldy.

# 4-nji strategik ugur: Ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrlymagy, iş bilen üpjünçilik we söwda

**7-nji netije.** Durnukly ykdysady diwersifikasiýalaşdyrmagyň üsti bilen hemmeler üçin açyk we ýokary derejeli iş bilen üpjünçiligi döretmäge ýardam bermek üçin strategiýalar we ýönekeýleşdirilen düzgünler işlenilip düzüldi

**Gulluklar**: FAO, UNKTAD, BMG-niň Ösüş maksatnamasy, ÝUNESKO
**Meýilleşdirilen**: 2 594 467,23 amerikan dollary
**Harçlanan**: 2 159 042,85 amerikan dollary *

4-nji strategik ugurda BMG we Hökümet halkara maliýeleşdirme, zähmet howpsuzlygy we hemmeler üçin açyk iş bilen üpjünçilik, sanly ykdysadyýet, söwda ýardam bermek ugrunda işledi.

Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin maýa goýumlary üpjün etmek maksady bilen, BMG we Hökümet döwlet edaralarynyň Durnukly ösüş maksatlaryna goldaw berýän halkara maliýeleşdirmä bolan ygtyýaryny giňeltmek, şeýle-de bu maliýe çeşmeleri netijeli ýagdaýda üpjün etmek hem-de dolandyrmak boýunça mümkinçiliklerini ösdürmek ugrunda işledi. Bu başlangyjyň esasynda, BMG-niň Ösüş maksatnamasy we Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky 2018-nji ýylyň iýun aýynyň 20-21-ne Aşgabat şäherinde“Beýik Ýüpek ýolunyň merkezinde maliýeleşdirmäni ösdürmek ugrunda hyzmatdaşlyk” atly halkara maslahatyny geçirdi. Maslahat Türkmenistanyň Hökümetiniň, BMG-niň ulgamynyň, halkara maliýe edaralaryň we işewürlik sektorynyň ýokary derejeli işgärlerini jemläp, Türkmenistanda maliýeleşdirmäni ösdürmegiň täze mümkinçiliklerini açdy. Çärede Türkmenistanyň Hökümetiniň, işewürler sektorynyň we halkara maliýe institutlarynyň hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmegiň we ýurduň ykdysady ösüşine ýardam bermegiň maliýeleşdirmesini güýçlendirmegiň ýollary kesgitlendi.



*Maýa goýumyň täsiri boýunça okuw, 2018-nji ýylyň oktýabr aýy*

BMG 50 gatnaşyjyny (olaryň 50%-i zenan) Maýa goýumlaryň täsiri boýunça konsepsiýasy bilen tanyşdyrmak üçin Beýik Britaniýanyň ilçihanasy bilen hyzmatdaşlyk etdi. Okuwyň dowamynda, maýa goýumlaryň täsiri boýunça 5 teklip durmuşa geçirilmek üçin görkezildi. Şeýle-de bolsa, hususy sektoryň bu taslamalary durmuşa geçirmek üçin ýaramly daşky gurşawy döretmegiň zerurlygy bar.

Ösüş üçin maliýeleşdirme işine baglylykda, BMG-niň Ösüş maksatnamasy Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky üçin ösüş taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin ýüz tutýan karz alyjylar üçin esasy talaplary we görkezmeleri beýan edýän gollanmanyň işlenilip düzülmegini goldady. Gollanma karz alyjylaryň profilini, işleriň we şertleriň ileri tutulýan ugurlaryny, karzlara garamak, baha bermek we olary tassyklamak boýunça maslahatlary, şeýle-de hasabat boýunça talaplary öz içine alýar. Gollanmada döwlet edaralary tarapyndan berlen ýüztutmalaryň ülňüsini, düzümini we hilini ýüze çykarýar we ýüz tutmalara garamakda, olary barlamakda we ileri tutulýan

ugurlary kesgitlemekde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň wezipesini ýeňilleşdirýär.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň, şeýle-de degişli ministrlikleriň we gulluklaryň işgärleriniň potensialyny ösdürmek maksady bilen, 100-den gowrak adam üçin taslamany dolandyrmak, innowasion maliýeleşdirme, strategik gepleşikler, maglumat tehnologiýalaryny dolandyrmak we howpsuzlyk boýunça okuwlar geçirildi. BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň goldawy bilen, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky innowasion işewürligi ösdürmek hem-de maglumat tehnologiýalary boýunça strategiýasyny, şol sanda bölekleýin satuw bankynyň, kiçi we orta telekeçilik banklarynyň, bilelikdäki telekeçiligiň we taslama maliýeleşdirmesiniň tiz ýagdaýda ösdürilmegi boýunça taslamany işläp düzdi. Strategiýa bilelikdäki dolandyryş işini berkitmäge, innowasion we bäsleşige ukyply maliýe hyzmatlary öňe çykarmaga, bank infrastrukturasyny güýçlendirmäge, maliýe bilimini ýokarlandyrmaga, bankyň müşderileri, ýagny öý hojalyklary we edaralar üçin sarp ediş goraglylygyny üpjün etmäge, şeýle-de bank işine täze tehnologiýalary we innowasion işewürlik hereketleri girizmäge gönükdirilýär.

BMG-niň Ösüş maksatnamasy we Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň zähmet we iş bilen üpjünçilik pudagynda kanunlary we düzgünleri gözden geçirdi we seljerdi. Kanunçylygy we düzgünleri Halkara Zähmet guramasynyň halkara kadalaryna we ülňülerine laýyk getirmek üçin zähmetiň goraglylygy ulgamyny gözden geçirmek işi alnyp baryldy. Ministrlige zähmet howpsuzlygy ulgamyny uzak döwür üçin halkara talaplara ýuwaş-ýuwaşdan laýyk getirmek boýunça maslahatlar berildi.

Iş bilen üpjünçilik kanunçylygy we zähmet howpsuzlygy barada sebitleýin okuwlara 140 hünärmen (olardan 57 sany zenan we 83 sany erkek) gatnaşdy. Bu okuwlara Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň welaýat, etrap we şäher boýunça iş bilen üpjünçilik gulluklarynyň işgärleri hem gatnaşyp, olar beýleki welaýatlaryň we etraplaryň işgärleri tarapyndan berlen ýiti soraglaryna jogap berdi. Bu tejribäni geljekde-de dowam etmek we sebitleýin derejede has köp okuwlary geçirmek teklip edildi.



*Çeşme: BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Türkmenistan*

Döwlet we halkara derejesinde zähmet, zähmet howpsuzlygy we iş bilen üpjünçilik pudaklarynda kanunçylyk boýunça meseleler babatda iň gowy tejribäni paýlaşmak üçin gullukara tegelek stol duşuşygy geçirildi. Duşuşykda Ösüş maksatnamasy we Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginden, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrliginden, “Türkmenstandartlary” baş döwlet gullugyndan, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetinden, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşiginden 45-den gowrak hünärmen gatnaşdy. Belarus döwletiniň Zähmet we durmuş goraglylygy ministrliginden, şeýle-de BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň hemmeler üçin açyk iş bilen üpjünçilik we zähmet bazarlary boýunça gelen hünärmenler bu ugurda iň gowy tejribäni paýlaşdy.

Hemmeler üçin açyk iş bilen üpjünçiligiň esasy ugurlarynyň biri ýaşlar: daşary ýurtlaryň bilim edaralarynyň uçurymlary we howp astyndaky ýaşlar BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň “Merkezi Aziýada rehimsiz ekstremizmiň öňüni almak maksady bilen jemgyýetiň garşylyk görkezijilik ukybynyň ýokarlanmagy we sebitleýin hyzmatdaşlygyň berkidilmegi” atly sebitleýin başlangyjynyň esasy topary bolup durýar.

6 esasy şäherde geçirilen zerurlyklara baha bermek wezipesiniň netijesinde aşakdakylar ýüze çykaryldy:

- Ýaşlar guramalarynyň hyzmatdaşlyk babatda gyzyklanmasy uly. Olar jemgyýetler bilen işleýär we dürli şertlerde ýaşlar bilen duşuşmak üçin ýygy-ýygydan mekdeplere, hünärmen mekdeplerine, uniwersitetlere we edaralara saparlara gelýär. Bu duşuşyklar beýleki guramalar (Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Bilim ministrligi, Içeri işler ministrligi, Zenanlar birleşigi we beýlekiler) bilen birleşýär.
- Köp ýagdaýlarda, ýaşlaryň ýurduň durmuş-ykdysady durmuşyna gatnaşygyny giňeltmek boýunça bar bolan döwlet maksatnamalary barada bilimi bolmaýar.
- Iş bilen üpjünçilik boýunça meseleler sebitden sebite üýtgeýär. Esasy şäherleriň öňe çykýan ykdysady işjeňlik (agrar, ýarym agrar ýa-da şäher) bilen tapawutlanýandygy sebäpli, olar ýaşlary iş bilen üpjün etmegiň mümkinçiliklerine täsir edýär.
- Oba-hojalyk ýerlerinde ýaşlary işe çekmek we iş bilen üpjün etmek boýunça mümkinçilikler kän däl.
- Grant maksatnamalar, üstünlik gazanan telekeçiler we daşary ýurt işewürligi boýunça tejribe esasy şäherlerde möhüm hasaplanýar.

BMG Ýaşlar guramasyndan, esasy şäherlerde ýerli dolandyryş edaralardan, iş bilen üpjünçilik gulluklaryndan, ýaşlar we sport bölümlerinden ýaşlar üçin 86 sany hyzmat edijä özleriniň başarnyklaryny ösdürmäge ýardam berdi. Bu işiň dowamy hökmünde, olar 2018-nji ýylyň noýabr we dekabr aýlarynda esasy şäherlerde 180 ýaşlar (esasan, daşary ýurt bilim edaralaryny tamamlan ýaşlar) üçin “Ýaşlar: Däpler, maksatlar we geljek” atly tegelek stol duşuşyklaryny gurady.

Ondan başga-da, BMG-niň Ösüş maksatnamasy rehimsiz ekstremizme garşy göreşmek boýunça öňdebaryjy tejribesi bolan “Hedayah” halkara merkezi bilen rehimsiz ekstremizmiň öňüni almagyň we hemmeler üçin açyk iş bilen üpjünçiligi güýçlendirmegiň mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça hyzmatdaşlygyň görnüşi we ugurlary barada maslahatlaşdy. Türkmenistanyň Hökümetiniň, BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň we “Hedayah” merkeziniň arasynda hyzmatdaşlygyň görnüşi boýunça maslahatlaşmak we ylalaşmak üçin üçtaraply tegelek stol duşuşygyny geçirmek teklip edildi.

Taslamanyň çäginde BMG-niň Ösüş maksatnamasy we Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi okatmagyň nusgasy, ýaşlar üçin okuw maksatnamalary we ýaşlary saýlap almak boýunça maslahatlary ara alyp maslahatlaşdy. Işe täze başlaýan edaralar üçin resminamalary işläp düzmek we işewürlige goldaw bermek üçin mugallymlary/halypalary saýlamak teklip edildi. Daşary ýurt uniwersitetlerini tamamlan türkmen ýaşlaryna işewürlik boýunça mugallymlary halkara derejesinde tassyklamak babatda Halkara Zähmet guramasynyň we BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň tejribesi teklip edildi. Taslama boýunça öň tussag astynda saklanan ýaşlara durmuş we psihologik maslahatlar berler, şeýle-de iş bilen baglanyşykly başarnyklary we iş tapmagyň ukyplary boýunça okuwlar geçiriler.

Mümkinçiligi çäkli şahslar üçin iş bilen üpjünçilik mümkinçiliklerini giňeltmek we ýurduň durmuş hem-de ykdysady ugurlarynda hemmeler üçin açyk tejribeleri öňe çykarmak üçin, BMG mümkinçiligi çäkli adamlar üçin ilkinji “Kär boýunça” sergisiniň geçirilmegine goldaw berdi. BMG hususy sektoryň, hökümetiň, döwlet birleşikleriň 80-e golaý wekilini, şeýle-de mümkinçiligi çäkli adamlary jemledi. “Kär boýunça” sergi köpsanly gyzyklanýan taraplar üçin Türkmenistanyň



*Kär boýunça sergi, BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Türkmenistan*

hususy sektorynda mümkinçiligi çäkli adamlaryň iş bilen üpjünçiligini öňe çykarmak boýunça platforma bolup hyzmat etdi. “Kär boýunça” sergisiniň netijesinde, mümkinçiligi çäkli adamlar özlerine laýyk gelýän işi tapmaga, täze we gyzykly iş orunlary barada bilmäge, iş berijiler bilen duşuşmaga we netijeli gepleşiklere goşulmaga mümkinçilik gazandy. Çagyrylan kompaniýalar Türkmenistanyň mümkinçiligi çäkli adamlaryň hukuklaryny goramak boýunça milli kanunçylygyň talaplaryny berjaý etmegiň üsti bilen, mümkin bolan işgärleriň maglumat kagyzlaryny ýygnady.

Syýahatçylyk pudagy ösüşiň esasy ugry hasaplanýar. 2018-nji ýylyň noýabr aýynyň 14-29-y aralygynda Aşgabatda ÝUNESKO bilen Syýahatçylyk gidleriniň birleşiginiň bütindünýä federasiýasy (WFTGA) we Türkmenistanyň Syýahatçylyk baradaky döwlet komiteti bilen hyzmatdaşlykda Ýüpek ýolunyň mirasy boýunça gidleri taýýarlamak boýunça okuwlaryň ikinji tapgyry guraldy. Bu okuwlar 2017-nji ýylda başlanan okuw maksatnamasynyň dowamy bolupdy. Maksatnama üstünlikli ýagdaýda tamamlanandan soň, gatnaşyjylar Syýahatçylyk gidleriniň birleşiginiň bütindünýä federasiýasy tarapyndan durnukly ösüş, Ýüpek ýolunyň ugrunda syýahatçylyk bilen baglanyşykly miras boýunça işi dolandyrmak we ony goramak ýaly ýörelgelere goşant goşup biljek “Ýüpek ýolunyň mirasy boýunça gidler” hökmünde resmi ýagdaýda tassyklandy.


*“Skolkowo” merkezinden hünärmenler wekilýeti, BMG-niň Ösüş maksatnamasy,Türkmenistan*

BMG-niň Ösüş maksatnamasy Ýewrostat bilen bilelikde daşary ýurt statistikasy boýunça iki günlük sebitleýin okuwlary gurady. Okuwlar Gündogar Ýewropa, Kawkaz we Merkezi Aziýa sebitleriniň döwlet statistika edaralary üçin halkara söwda statistikasy pudagynda halkara maslahatlar bilen tanyşmaga, şeýle-de tejribe alyşmaga we biri-birinden öwrenmage mümkinçilik berdi. Gatnaşyjylar Gündogar Ýewropa, Kawkaz we Merkezi Aziýa ýurtlarynda halkara söwdasy boýunça statistik hasabatlary taýýarlamakda “EUROTRACE” ulgamyny ulanmagyň peýdaly taraplary barada öwrendi.

2018-nji ýylyň noýabr aýynda BMG-niň Ösüş maksatnamasy BMG-niň Türkmenistanyň Hökümetine sanly ulgamlara geçmek we “Sanly Türkmenistan” atly milli maksatnamasyny taýýarlamak babatda berýan goldawynyň bir bölegi hökmünde Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti işlap düzmek we ony işe girizmek boýunça bäş günlük okuwlary gurady. Moskwa şäheriniň “Skolkowo” atly dolandyryş mekdebiniň hünärmenleri tarapyndan ýardam berlen bu okuwlarda 24 esasy hökümet işgärleri sanly ykdysadyýet konsepsiýasy we sanly ulgama geçmek boýunça tejribe bilen tanyşdyryldy. Gatnaşyjylar hökümetiň elektron hyzmatlary, şahsy maglumaty goramak we adamlaryň şahsyýetini tassyklamak, şeýle-de sanly ulgama geçmek boýunça döwletiň we hususy sektoryň hyzmatdaşlygynyň orny barada maglumat aldy. 2018-nji ýylyň dekabr aýynda sanly ykdysadyýeti işläp düzmek üçin bitewi platformanyň taslamasy görkezildi. Onda düzümleýin üýtgeşmeler, şol sanda Internet ulgamyndan tiz we deň ýagdaýda peýdalanmak, esasy senagatlary sanly ulgama geçirmek, elektron ulgamlary dolandyrmak, ilaty elektron hyzmatlary bilen üpjün etmek we ş.m. göz öňünde tutuldy.
Gazanylan netijeler bilen bir hatarda, zähmet we iş bilen üpjünçilik pudagynda alnyp barylýan işleri meýilleşdirmek we olary durmuşa geçirmek boýunça potensialy güýçlendirmek, iň gowy tejribäni alyşmak ugrunda işleri dowam etdirmek möhüm bolup durýar. Milli hünärmenleriň we

milli derejede maslahat berijilik çeşmeleriň azlyk etmegi hemmeler üçin açyk iş bilen üpjünçilik boýunça strategiýalaryň we meýilnamalaryň işlenilip düzülmegi üçin mümkinçilikleri çäklendirýär.

# 5-nji strategik ugur – Dolandyryş we hukugyň hökmürowanlygy

**8-nji netije:** Döwlet edaralary gatnaşygyň esasynda we ýurduň adam hukuklary pudagyndaky wezipelerine laýyklykda kanunlary, milli maksatnamalary we strategiýalary durmuşa geçirýär we olara gözegçilik edýär

**Gulluklar:** BMG-niň Ösüş maksatnamasy, ÝUNISEF, ÝUNFPA, BMG NJBM, OHCHR, IOM
**Meýilleşdirilen**: 892 689,57 amerikan dollary
**Harçlanan**: 717 315,24 amerikan dollary*

2018-nji ýylda Türkmenistan BMG-niň adam hukuklary boýunça mehanizmleri bilen işleşmegini dowam etdi. BMG-niň goldawy bilen, ýurt Bütindünýä möwsümleýin syn, şeýle-de Zenanlaryň hukuklarynyň çäklendirmeleriniň ähli görnüşlerini aradan aýyrmak baradaky konwensiýanyň we Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar boýunça halkara şertnamasynyň durmuşa geçirilişi boýunça nobatdaky hasabatyny berdi. BMG Zenanlaryň hukuklarynyň çäklendirmeleriniň ähli görnüşlerini aradan aýyrmak baradaky konwensiýasy we Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar boýunça halkara şertnamasy boýunça öwrediji okuwlaryň üsti bilen Türkmenistana wekilýetleri taýýarlamakda ýardam berdi.



Öwrediji okuwlar Hökümetiň wekilýetlerine aşakdakylara has gowy düşünmäge ýardam berdi:

- hasabat bermegiň tebigaty we maksady, şeýle-de barlagyň geçirilmegine esas bolan Hökümetiň borçlary;
- Hökümete konwensiýalara laýyklykda öz wezipelerini amala aşyrmaga ýardam berýän synyň netijeli gepleşikler we mehanizm hökmünde maksady;
- netijeli gepleşikleriň dowamynda iş usullary we tertipleri;
- synyň dowamynda wekiliýetiň işindäki ylalaşygy ýokarlandyrmakda wekiliýetiň her bir agzasynyň eýeleýän orny;
- komitetiň beren soraglarynyň häsiýeti we berkligi, şeýle-de bu soraglara wekiliýetiň dogry we takyk jogap bermeginiň esaslary;
- öwrediji komitet bilen habarlaşmagyň we özüňe baha bermegiň üsti bilen syny taýýarlamakda we oňa garamakda ýüze çykýan kemçilikler.

Ondan başga-da, Adam resurslary boýunça halkara kanunlaryň esasynda milli borçlary durmuşa geçirmek boýunça bölümara komissiýasynyň iş toparynyň 17 agzasy (şol sanda, 9 zenan) Hasabat berişiň ýeňilleşdirilen proseduralary (SRP) barada bilimini artdyrdy. Bu proseduralar adam çeşmeleri pudagynda ileri tutulýan ugurlary kesgitleýär we mehanizmler babatda maslahatlary birleşdirýär. Okuwlaryň maksady hasabat bermegiň mehanizmi we BMG-niň adam hukuklary boýunça maslahatlar bolup hyzmat edýän edarara komissiýasynyň potensialyny berkitmekden ybaratdy.

Adam hukuklary boýunça bütindünýä jarnamasynyň (UDHR) şanly 70 ýyllygyna bagyşlanan baýramçylyklaryň çäginde ýerli hökümetiň, döwlet edaralarynyň we talyplaryň adam hukuklary barada bilim derejesi ýokarlandyryldy. Adam hukuklary boýunça bütindünýä jarnamasynyň şanly 70 ýyllygyna bagyşlanan çäreleriň esasy netijelerine aşakdakylar degişli:

- adam hukuklary boýunça 6 sany hünärmeniň taýýarlanylmagy;
- Aşgabat, Türkmenabat we Mary şäherlerinde umumy okuwlary, tegelek stol duşuşyklaryny we aň bäsleşiklerini geçirmegiň üsti bilen 400-e golaý talyplaryň we döwlet gullukçylarynyň Adam hukuklary boýunça bütindünýä jarnamasy barada bilim derejesiniň ýokarlandyrylmagy;
- Türkmenistanyň Adalatçysynyň başlyklygynda Adam hukuklary boýunça bütindünýä jarnamasy we Durnukly ösüş maksatlary boýunça hukuk goraýjy çemeleşmeler barada ýokary derejeli wagyz ediş tegelek stol duşuşygy;



*Adam hukuklary boýunça bütindünýä jarnamasynyň şanly 70 ýyllygy mynasybetli geçirilýän "Breýn ring" bäsleşigi, 2018-nji ýylyň dekabr aýy*

- Hökümetiň, döwlet edaralarynyň we BMG-niň 150-den gowrak wekili, talyplar "Işjeňligiň 16 güni" atly bütindünýa hereketiniň çäginde gender deňsizliginden azat bolan jemgyýeti döretmäge gatnaşdy. Habarda zenanlara we gyzlara garşy rehimsizligiň zenanlaryň we gyzlaryň abadançylygyna, saglygyna, hukuklaryna we howpsuzlygyna uly täsiriň ýetirjekdigi barada bellendi. Bu meseleler boýunça çäre görülmese, adamyň hukuklary bilen baglanyşykly şeýle bozmalaryň umumy ösüşe we durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde kynçylyk döretjekdigi barada bellendi.

Hökümetiň hereketlerine we başlangyçlaryna ýokary baha berildi we Maşgalalarda zenanlaryň saglygy we derejesi boýunça ilkinji döwlet syny geçirmek we bu syn boýunça soraglary tassyklamak baradaky çözgütden soň bu tagallalar aýratyn hormata eýe boldy. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň, Türkmenistanyň döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň we Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň wekillerinden ybarat bolan ýöriteleşdirilen tehniki iş topary döredildi. BMG okuwlaryň dowamynda, şol sanda taýýarlyk tapgyrynda, maglumaty ýygnamakda, ony işlemekde we seljermekde, şeýle-de hasabat ýazmakda maslahat berijilik goldawy üpjün eder. Barlagy 2019-njy ýylda geçirmek meýilleşdirilýär, onuň netijeleri bolsa 2020-nji ýylyň başynda görkeziler.

BMG adam hukuklary pudagynda hereketleriň milli meýilnamasyny durmuşa geçirmekde goldaw bermegi dowam etdi. Türkmenistanda 2015-2020-nji ýyllar üçin Gender deňligi boýunça hereketleriň milli meýilnamasynyň altmyş göterimi (60%-i) durmuşa geçirildi. Gender deňligi boýunça milli kanunçylygy halkara kadalaryna laýyk getirmek üçin ony gözden geçirmek ýaly möhüm hereketleriň netijesinde köpsanly esaslandyrylan maslahatlar teklip edildi. Bu maslahatlaryň biri ýurdy halkara şertnamalara laýyk gelýän gender zorlugy barada aýratyn kanuny işläp düzmäge we gender alamatlary esasynda hukuklaryň kemsidilmegine halkara ylalaşyklara laýyklykda kesgitleme bermäge çagyrdy. Başga bir möhüm başlangyç döwlet gullukçylarynyň we döwlet edaralarynyň Zenanlaryň hukuklarynyň çäklendirmeleriniň ähli görnüşlerini aradan aýyrmak baradaky konwensiýa, şeýle-de bu boýunça Türkmenistanyň borçlary we olaryň durmuşa geçirilmegi barada bilimini artdyrmakdan ybaratdy. 250-den gowrak döwlet wekilleri tutuş ýurtda geçirilen tegelek stol duşuşyklaryna gatnaşdy we gender syýasaty pudagynda iň soňky gazananlar barada öwrendi, gender deňligini öňe çykarmakda häzirki zaman tejribäni kämilleşdirmegiň ýollaryny teklip etdi, şeýle-de täze hereketleriň we çemeleşmeleriň başyny başlady.

Ondan başga-da, milli hyzmatdaşlar bilen ýakyn hyzmatdaşlykda Çagalaryň we zenanlaryň ýagdaýy barada seljeriş geçirildi. Bu seljerişiň maksady çagalaryň we zenanlaryň häzirki zaman

ýagdaýyna düşünmekden, olaryň abadançylygyny ösdürmek üçin ýerine ýetirilmeli işleriň zerur bolan ugurlary babatda öňegidişlikleri ýüze çykarmakdan ybaratdy. Seljeriş işiniň netijeleri maksatnamany we syýasaty geljekde wagyz etmek boýunça has köp maglumat berer.

Hökümet kanunçylygy we tejribäni 2015-nji ýylyň Çagalaryň hukuklary boýunça komitetiň jemleýji belliklerine laýyk getirmek ugrunda tagallalaryny dowam etdirdi. Çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça hereketleriň milli meýilnamasyny 2018-nji ýylyň iýun aýynyň 22-ne Türkmenistanyň Prezidenti tassyklady. BMG we Hökümet bu meýilnamanyň tassyklanmagyndan soň gelip çykýan hereketler boýunça maslahatlaşdy. ÝUNISEF Adalatçynyň diwany bilen bilelikde ýerli häkimiýet edaralary bilen çagalaryň hukuklaryny doly derejede durmuşa geçirmek bilen bagly meseleler boýunça ýurduň sebitlerinde okuwlary we maslahatlary geçirdi. Saparlar çagalaryň hukuklaryna gözegçilik etmegiň we olary wagyz etmegiň guraly hökmünde hyzmat etdi.

Adalatçynyň diwanynyň işgärleri Adam hukuklary boýunça milli edaralaryň Merkezi Aziýa üçin goldaw beriş başlangyjynyň ("CASI-NHRI") esasynda köpsanly sebitleýin çärelere gatnaşdy. Olar adam hukuklary boýunça okuw çemeleşmeleri barada öwrendi we Adalatçynyň diwany tarapyndan amala aşyrylyp bilinjek 2019-njy ýylyň Adam hukuklary boýunça bilim meýilnamasy üçin maslahatlary işläp düzdi.

Ondan başga-da, BMG 2016-2018-nji ýyllar üçin Adam söwdasyna garşy göreşmek boýunça hereketleriň milli meýilnamasynyň (TIP NAP) durmuşa geçirilişine goldaw bermegini dowam etdi. Şu ýyl hereketleriň maksatnamasynyň soňky ýyly bolandygy sebäpli, 2018-nji ýylyň awgust aýynyň 31-de milli hyzmatdaşlar Adam söwdasyna garşy göreşmek boýunça hereketleriň milli meýilnamasynyň durmuşa geçirilmeginde gazanylan öňegidişlikler boýunça syn beriş duşuşygyny geçirdi. Duşuşygyň netijesinde, Hökümet Adam söwdasyna garşy göreşmek boýunça hereketleriň 2019-2021-nji ýyllar üçin täze milli meýilnamasyny işläp düzmäge ylalaşdy.

Ondan başga-da, BMG Adam söwdasynyň pidalaryna ýardam bermek we olary goramak ugrunda hyzmatdaşlygyň taslamasyny, Repatriasiýa barada düzgünleri, şeýle-de Adam söwdasynyň pidalarynyň durmuş taýdan täzeden dikeldilmegi boýunça düzgünleri düzmegiň üsti bilen, Milli ýollanma mehanizmini işläp düzmekde möhüm öňegidişlikleri gazandy. Bu resminamalaryň ählisi Hökümetiň garamagynyň astynda.

BMG Adam söwdasyna garşy göreşmek barada täze kanuny gözden geçirmekde ýardam berdi we Jenaýat kodeksini Birleşen milletler guramasynyň Adam söwdasynyň öňüni almak we oňa jeza görmek boýunça protokoly bilen laýyk getirmek maksady bilen oňa goşmaçalary girizdi.

BMG NJBM hukuk goraýjy edaralary üçin Adam söwdasyna garşy göreşmek boýunça mümkinçilikleri ösdürmek bilen baglanyşykly köpsanly okuwlary geçirdi. Hukuk goraýjy edaralaryň wekilleriniň, prokurorlaryň we kazylaryň 60 sanysy Adam söwdasy bilen baglanyşykly ýagdaýlary agtarmak we olara çäre görmek boýunça okuw gollanmasy, şeýle-de adam söwdasynyň pidalarynyň psihologik gowşaklygynda we pidalar babatda adam hukuklarynyň çemeleşmelerini ulanmakda ünsüni jemleýän adaty iş proseduralary bilen tanyşdyryldy. Gollanma degişli ýokary okuw edaralaryna iberildi.



*Çeşme: BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Türkmenistan*

Hukuk goraýjy edaralaryň 75-e golaý wekili adam söwdasynyň pidalaryny ýüze çykarmak we olary goramak boýunça taýýarlyk geçdi; 40 kazy adam söwdasynyň pidalarynyň hukuklary, şol sanda kazyýet işiniň dowamynda öwezini dolma bolan hukuklary boýunça taýýarlyk geçdi. Hukuk goraýjy edaralaryň 75-den gowrak wekili adam söwdasy bilen baglanyşykly işleri agtarmak, olara jeza görmek we olara garamak boýunça taýýarlyk geçdi, hukuk goraýjy edaralaryň 50-ä golaý wekili adam söwdasynyň zähmet ekspluatasiýasy bilen baglanyşykly işleri agtarmak boýunça taýýarlyk geçdi.

BMG üç sany döwlet edarasynyň wekilleriniň (Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Aşgabat şäheriniň prokurorynyň edarasy we Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti) Gyrgyzystanyň Bişkek şäherinde geçirilen Merkezi Aziýa üçin jenaýat kazyýeti boýunça 7-nji forumyna gatnaşmagyny üpjün etdi. Çäräniň dowamynda, gatnaşyjylar jenaýat kazyýeti pudagynda geljekki özgerişler, şol sanda sorag etmegiň zorlukly däl ýollaryny, günäni boýuna almak boýunça sorag etmeleri we ylalaşyklary, adalatly kazyýet işiniň ülňülerini girizmegiň mümkinçiligi üçin esas bolup hyzmat etjek halkara we öňdebaryjy tejribe bilen tanyşdy.

Döwlet syýasatyny düzüjiler 16-njy we 3-nji (3.3; 3.5; we 3.8 ugurlar) Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek we oňa gözegçilik etmek boýunça BMG NJBM tarapyndan geçirilen halkara duşuşyga hem gatnaşdy. Bu çäre döwlet syýasatyny düzüjilere adalatlylyk, howpsuzlyk, parahorluga garşy göreşmek, parahatçylyk we sagdyn durmuş ýaly meselelere esaslanyp, durnukly ösüş boýunça 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini durmuşa geçirmekde umumy çemeleşmäniň zerurlygy barada maglumat berdi.

Ykdysady, durmuş we medeni hukuklary baradaky pakta girizilen hukuklara sarpa goýmak, olary goramak we durmuşa geçirmek maksady bilen döwlet gullukçylarynyň bu pakt hakynda bilim derejesini ýokarlandyrmak möhümdir. Raýatlaryň adam hukuklary we adam hukuklary barada milli kanunçylyk hakynda bilim derejesini ýokarlandyrmak üçin welaýatlarda döwlet dilinde bu barada maglumat bermek boýunça çäreleri geçirmek zerur. Ondan başga-da, ýokary okuw mekdeplerinde adam hukuklary pudagynda bilimleri wagyz etmek zerur.

Adam söwdasy barada kanuna, şol sanda jerimeler, ýetilen zeper üçin pidalara öwezini dolmak we emläkden mahrum etmek ýaly jeza bermegiň goşmaça görnüşleri bilen bagly düzgünlere hem üýtgeşmeler girizilmeli, şeýle-de pidalary ýüze çykarmak, olary ýollamak we olara goldaw bermek boýunça görkezmeleriň taslamasy bilen baglanyşykly kanunçylyk barada goşmaça seljeriş işi geçirilmeli.

Adam söwdasy boýunça täze okuw materiallarynyň işlenilip düzülmegi örän zerur, çünki bu boýunça köne materiallar on ýyl mundan öň düzülip, olar täze kanunçylyk kabul edilenden soň aktual däl. Ondan başga-da, jenaýat kazyýeti boýunça hünärmenler üçin aýratyn derňew başarnyklarynda ünsüni jemlejek täzelenen kanunçylyga we halkara ülňülere laýyklykda adam söwdasy ugrunda mümkinçilikleri ösdürmek boýunça has köp çäreler zerur bolar. Jemgyýetiň adam söwdasy boýunça bilim derejesini ýokarlandyrmak üçin toplumlaýyn çemeleşme zerur bolup, bu çemeleşme oba ýerlerinde kömege mätäç ilat toparlaryna ýygy-ýygydan öz täsirini ýetirmeli.

## 1-nji goşundy. Görkezijiler boýunça öňegidişlik

**1-nji netije:** Halkara ülňülere laýyk gelýän ýokary hilli maglumat milli maksatnamalara, 2015-nji ýyldan soňky Durnukly ösüş maksatlaryna, BMG-niň Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnama gözegçilik etmek, şeýle-de täze milli strategiýalary we maksatnamalary işläp düzmek üçin syýasat işgärlerine, hukukçylara we gyzyklanýan taraplara elýeter

1.1 görkeziji. Milli statistika ulgamynyň (NSS) bütindünýä baha beriş ulgamynyň maslahatlarynyň durmuşa geçirilmegi, göterimde

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 20 | 21,6 | 33,7 | 40 |

1.2 görkeziji. Durnukly ösüş maksatlarynyň ugurlarynyň tassyklanmagy we milli strategiýalara hem-de pudaklaýyn meýilnamalara girizilmegi

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| Türkmenistan tarapyndan kabul edilen MDG ugurlary | 2016-njy ýylda geçirilen “Super Mart” atly çäräniň netijesinde Türkmenistanda Durnukly ösüş maksatlary boýunça bütindünýä ugurlarynyň 169 sanysyndan 148 sanysy kabul edildi<br><br>2017-nji ýylda Toplumlaýyn tiz baha berişiň netijesinde Durnukly ösüş maksatlarynyň 84%-e golaý ugrunyň milli strategiýalara girizilendigi ýüze çykaryldy | 2019-2025-nji ýyllar üçin durmuş-ykdysady ösüş boýunça maksatnama işlenilip düzüldi we Durnukly ösüş maksatlaryna laýyk getirildi (maksatnamanyň tekstinde Durnukly ösüş maksatlarynyň daşky gurşaw bilen baglanyşykly 12 sany ugry barada bellendi) | Türkmenistan tarapyndan kabul edilen Durnukly ösüş maksatlarynyň ugurlary |

1.3 görkeziji. Durnukly ösüş maksatlaryna gözegçilik etmek boýunça milli ulgamyň halkara ülňülere laýyk getirilmegi

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| Ýok | Durnukly ösüş maksatlaryna gözegçilik ediş ulgamyny we milli iş toparyny döretmek barada Prezidentiň buýrugy | Durnukly ösüş maksatlaryna gözegçilik ediş, şol sanda görkezijiler, jogapkär taraplar, maglumatyň çeşmeleri we maglumaty ýygnamagyň ýygylygy, şeýle-de Durnukly ösüş maksatlarynyň Meýletin milli syny boýunça milli ulgam | Hawa |

**2-nji netije:** Mekdepden öňki, başlangyç we orta bilim has ýokary hilli bolup, halkara ülňülere laýyk gelýär, hemmeler üçin açyk bilim ýörelgesi ileri tutulýar

2.1 görkeziji. Başlangyç bilimden öňki bilim edarasyna kabul edilen bäş ýaşyndaky gyzlar we oglanlar, göterimde

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 33,5 | 46,2 | | 48 |

2.2 görkeziji. Orta mekdepleriň ýokary hilli we hemmeler üçin açyk bilim ülňüleriniň durmuşa geçirilişi, göterimde

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 4,2 | 4,2 | | 5,5 |

2.3 görkeziji. Orta mekdepleriň ýaşaýyş-durmuş esaslary dersi boýunça umumy gender we ýaş alamatlaryny hasaba alyp, mugallymlaryň reproduktiw saglygy boýunça bilim bermek babatda tassyklanmagy, göterimde

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 42 | 51 | 68 | 95 |

2.4 görkeziji. Gyzlaryň we oglanlaryň, şol sanda mümkinçiligi çäkli çagalaryň bilim almaga bolan hukugyna gözegçilik etmek üçin jynç we ýaş boýunça umumy maglumatynyň elýeterliligi

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|

| | | | |
|---|---|---|---|
| Başlangyç bilim boýunça umumy maglumat (DSK, 2015) | Alnyp barylýar | Alnyp barylýar | Bilim bilen baglanyşykly “TransMonee” görkezijileriň ählisi |

**3-nji netije**: Durmuş goraglylygy ulgamy jemgyýet derejesinde hemmeler üçin açyk we ýokary hilli goldaw hyzmatlaryny üpjün etmäge taýýar

3.1 Jyns we ýaş aýratynlyklary, şäher we oba ýerleri, şeýle-de howp astyndaky toparlaryň durmuş goraglylygy boýunça ulgamlaryň görkezijisi






3.2 görkeziji. Halkara ülňülerine laýyk gelýän jemgyýet derejesinde hemmeler üçin açyk goldaw hyzmatlarynyň elýeterliligi

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| Hyzmatlar elýeter däl | Alnyp barylýar | Durmuş hyzmatlaryny girizmek boýunça 10 ýyllyk meýilnama işlenilip düzüldi | Durmuş hyzmatlarynyň özgerdilmegi boýunça konsepsiýa esasynyň işlenilip düzülmegi |

3.3 görkeziji. Jemgyýet derejesinde durmuş hyzmatlary barada we olardan nirede peýdalanyp boljakdygy barada ilatyň (ýaşaýan ýerine, ýaşyna we mümkinçiligine baglylykda) biliminiň bolmagy

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 2018-nji ýylda birnäçe görkeziji boýunça klaster barlagynda baha berilmeli | 2019-njy ýylda birnäçe görkeziji boýunça klaster barlagynda baha berilmeli | 2019-njy ýylda birnäçe görkeziji boýunça klaster barlagynda baha berilmeli | 2019-njy ýylda birnäçe görkeziji boýunça klaster barlagynda alnan maglumat |

**4-nji netije:** Türkmenistanyň ilaty, esasan hem gowşak topara degişli adamlar ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlary bilen has giň derejede üpjün edilýär, bu hyzmatlaryň üns merkezinde zenanlaryň we çagalaryň saglygy, iýmitlenme, ýokanç däl keseller, köp dermanlara durnukly bolan inçekesel (MDRTB), keselleri irki wagtda ýüze çykarmak we öz wagtynda öňüni almak ýaly meseleler bar

4.1 görkeziji. U5 boýunça ölüm derejesi, %

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 51 (UNINGME) | 47 (UNINGME)<br>29 (TSGDSM) | Alnyp barylýar | 43,4 |

4.2 görkeziji. Birinji üçaýlykda dogruşdan öň ideg edilen göwreli zenanlar, göterimde

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| **70** | **76** | **82** | **90** |

4.3 görkeziji. Tassyklanan kliniki protokollara laýyklykda doly we adatdan daşary akuşerçilik hem-de täze dogran zenanlar üçin idegi üpjün edýän saglygy goraýyş desgalar, göterimde

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 42 | 68 | 74 | 60 |

4.4 görkeziji. Ýürek-damar, rak, süýjüli diabet we hronik dem alyş keselleri zerarly ölümiň derejesi, göterimde

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 24,9 | 24,5 | Alnyp barylýar | 14,9 |

4.5 görkeziji. Ýürek tutmasynyň öňüni almak üçin lukmançylyk bejergisini we maslahatlary alýan (şol sanda glikemik gözegçiligi astyndaky) adamlaryň sany, mejbur bolanlardan, göterimde

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 25 | Alnyp barylýar | Alnyp barylýar | 50 |

4.6 görkeziji. 18-64 ýaş aralygyndaky adamlaryň arasynda temmäkini ulanyşyň derejesi, göterimde

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 8,3 | Alnyp barylýar | 3,4 | 6 |

4.7 görkeziji. Adamlaryň jyns, ýaş aýratynlyklary, şeýle-de şäherde we obalarda ýaşaýan toparlar boýunça inçekesel we köp dermanlara durnukly inçekesel bilen baglanyşykly ýagdaýlaryň derejesi, göterimde



4.8 görkeziji. Jyns aýratynlyklary boýunça täze doglan çagalaryň ölüm derejesi (1000 dogruş boýunça ölümler)

| **Esas, 2016** | **2017** | **2018** | **Ugur, 2020** |
|---|---|---|---|
| 23 (UNIGME) | 22 (UNIGME) | 22 (UNIGME)<br>13,6 % ( TSGDSM) | 21,85 |

4.10 görkeziji. Ösüşiň pes derejesi bilen baglanyşykly keseliň ýaýramagy, orta we ýokary dereje, göterimde

| **Esas, 2016** | **2017** | **2018** | **Ugur, 2020** |
|---|---|---|---|
| 11,5 (orta)<br>2,7 (ýokary) | Alnyp barylýar | Alnyp barylýar | 1,5 (orta)<br>0 (ýokary) |

**5-nji netije**: Döwlet syýasaty, kanunçylyk we edara meýilnamalary parnik gazlarynyň zyňylmagyny peseltmek we energiýanyň netijeliligi, energiýanyň täzelenýän çeşmelerini ulanmak, şäherleriň ösüşi we galyndylary gaýtadan ulanmak boýunça durnukly tejribeleri öňe çykarmak maksadyna laýyk gelýär

5.1 görkeziji. Oba we şäher ýerlerini ösdürmekde durnukly energiýa boýunça, energiýanyň täzelenýän çeşmelerini ulanmak, şäherleriň ösüşi we galyndylary gaýtadan ulanmak boýunça netijeli başlangyçlar babatda ylmy-barlag geçirýän, olary dolandyrýan we bu usulyýeti ulanýan häzirki we täze edaralar

| **Esas, 2016** | **2017** | **2018** | **Ugur, 2020** |
|---|---|---|---|
| 0 | 1 (Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi) | 3 (Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi, Türkmenistanyň Oba-hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi, Aşgabat şäheriniň häkimligi) | 2 |

5.2 görkeziji. Energiýanyň netijeliligi, energiýanyň täzelenýän çeşmelerini ulanmak we galyndylary gaýtadan ulanmak boýunça ülňüleri we tejribeleri öz içine alýan, işlenilip düzülen ýa-da üýtgedilen döwlet kanunlary, düzgünleri we proseduralary

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 0 | gurluşyk boýunça 4 sany nama | 6 (suw sorujylaryny işletmek boýunça +2 düzgün we karar) | 2 |

5.3 görkeziji. Kömürturşy gazynyň ýylda bölünip çykarylmagy (million metrik tonnada) tassyklanan we integrirlenen gözegçilik ediş ulgamynyň kömegi bilen ölçenýär

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 53 million metrik tonna (2010, aragatnaşyk boýunça 3-nji milli strategiýa) | Maglumat ýok | Maglumat ýok<br>Howanyň üýtgemegi boýunça milli strategiýasy işlenilip düzülýär | Kesgitlenilmedik (aragatnaşygyň ösüşi boýunça 4-nji milli strategiýa) |

**6-njy netije:** Milli syýasat, kanunçylyk we edara meýilnamalary sektor we jemgyýet derejelerinde howa şertleriniň üýtgemeginiň durnuklylygyny, uýgunlaşmany üpjün etmek, howa şertleriniň howplary bilen iş salyşmak we betbagtçylyklaryň howplaryny azaltmak boýunça çärelere ýardam bermegiň üsti bilen howa şertleriniň üýtgeýşi boýunça meselelere öz täsirini ýetirýär

6.1 görkeziji. Pariž ylalaşygyny durmuşa geçirmek boýunça milli maksatnamanyň bir bölegi hökmünde Howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak, tebigy baýlyklary we ekosistema hyzmatlaryny durnukly ýagdaýda dolandyrmak üçin milli we submilli derejelerde işlenilip düzülen we durmuşa geçirilen çözgütleriň elýeterliligi, göterimde***[8]

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 0 | 3 | 7 | 10 |

6.2 görkeziji. Tebigy betbagtçylyklaryň howpuny azaltmak we Howa şertleri bilen baglanyşykly howplary dolandyrmak boýunça tassyklanan uýgunlaşdyryjy hukuk resminamalaryň elýeterliligi we talabalaýyk maliýe we tehniki ylalaşyklara, şeýle-de Tebigy betbagtçylyklaryň howpuny azaltmak we Howa şertleri bilen baglanyşykly howplary dolandyrmak boýunça tejribeleri bolan ýokary hilli pudaklaýyn meýilnamalara laýyklykda durmuşa geçirilmegi gender meselelerini we tebigy betbagtçylyklaryň howpuny azaltmak boýunça talabalaýyk sektorara utgaşdyryjy mehanizmleri öz içine alýar

[8] *Görkeziji howa şertleriniň üýtgemegine uýgunlaşmak, tebigy baýlyklaryny we ekosistema hyzmatlaryny durnukly ýagdaýda dolandyrmak üçin milli we submilli derejelerde işlenilip düzülen çözgütleriň sany hökmünde hasaplanylýar. Pariž ylalaşygyny durmuşa geçirmek boýunça milli maksatnama ýok*

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 0 | 2 sany kanun (Suw kodeksi we Ýer kadastry barada kanun) | 2 sany kanun (Suw kodeksi we Ýer kadastry barada kanun) | 3 sany kanun we iki sany pudak meýilnamasy |

6.3 görkeziji. Howa şertleriniň üýtgemegine durnuklylygy döretmek we oňa uýgunlaşmak boýunça sebitleýin tagallalara goldaw bermek üçin suw hem-de howa şertleriniň üýtgemegi boýunça serhetara başlangyçlaryň sany

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 0 | 0 | 1 | 2 |

**7-nji netije**: Durnukly ykdysady köpdürliliginiň üsti bilen hemmeler üçin açyk we ýokary derejeli iş bilen üpjünçiligi döretmäge ýardam bermek üçin strategiýalar we ýönekeýleşdirilen düzgünler işlenilip düzüldi

7.1 görkeziji. Importy we serhetden geçmek işini ýeňilleşdirýän kämilleşdirilen hukuk gurallarynyň (ýa-da çäreleriň), kanuny namalaryň sany

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 2 sany maksatnama (eksporta gönükdirilen we importyň ýerini tutýan) | 4 (2 sany döwlet maksatnamasy we 2 sany düzgünnama) | 6 (2 sany döwlet maksatnamasy we 4 sany düzgünnama) | 4 |

7.2 görkeziji. JIÖ-niň uglewodoroda degişli däl sektorlarynyň paýy, göterimde

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 73,1 | 82,2 | - | 80 |

7.3 görkeziji. Milli we submilli derejelerde ykdysadyýetiň diwersifikasiýasy bilen baglanyşykly täze başlangyçlary dolandyrmaga gönükdirilen döwlet, pudak, sebitleýin maksatnamalaryň, şeýle-de kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek boýunça maksatnamalaryň sany

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| **2**<br>Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak boýunça 2011- 2015-nji ýyllar üçin döwlet maksatnamasy<br>Türkmenistanda döwlet eýeçiligindäki edaralary we desgalary hususylaşdyrmak boýunça 2013-2016-njy ýyllar üçin döwlet maksatnamasy | - | **4**<br>(Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek boýunça 2018-2024-nji ýyllar üçin döwlet maksatnamasy<br>Kiçi we orta telekeçiligi goldamak üçin gazna döredildi<br>Kiçi we orta telekeçiligi goldamak üçin döwlet komiteti döredildi) | **4** |

7.4 görkeziji. Täze döredilen iş orunlarynyň sany

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 10,897 | 16,444 (5547 goşmaça) | 21,097 (4,653 goşmaça) | 35,000 |

7.5 görkeziji. Mümkinçiligi çäkli adamlaryň iş bilen üpjünçilik hukugyndan peýdalanmagy üçin şertleri we mümkinçilikleri döretmek maksady bilen hereketleriň milli meýilnamasy işlenilip düzüldi

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| Türkmenistanda iş bilen üpjünçiligi kämilleşdirmek we täze iş orunlaryny döretmek boýunça 2015-2020-nji ýyllar üçin maksatnamasy | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan üpjün edilen maksatnamany durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly öňegidişlikler barada hasabat | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan üpjün edilen maksatnamany durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly öňegidişlikler barada hasabat | Maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi |

7.6 görkeziji. 2017-2021-nji ýyllar üçin döwürleýin durmuş-ykdysady maksatnamasy işlenilip düzüldi we onuň durmuşa geçirilmegine gözegçilik ediş ulgamy döredildi

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurduň 2012-2016-njy ýyllar üçin durmuş-ykdysady ösüşi boýunça milli maksatnamasy | Alnyp barylýar | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurduň 2018-2024 we 2019-2025-nji ýyllar üçin durmuş-ykdysady ösüşi boýunça milli maksatnamasy tassyklandy | Türkmenistanyň Prezidentiniň durmuş-ykdysady ösüşi boýunça maksatnamasy |

**8-nji netije:** Döwlet edaralary gatnaşygyň esasynda we ýurduň adam hukuklary pudagyndaky wezipelerine laýyklykda kanunlary, milli maksatnamalary we strategiýalary durmuşa geçirýär we olara gözegçilik edýär

8.1 görkeziji. Gender meselelerini hasaba alýan we BMG-niň adam hukuklary boýunça ülňülerine laýyklykda işlenilip düzülen täze kanunlar we olara goşundylar

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 7 (Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Erkekler we zenanlar üçin deňlik hem-de deň mümkinçilikler barada kanun, Türkmenistanyň Iş bilen üpjünçilik baradaky kanuny, Türkmenistanyň Ombudsmen baradaky kanuny, Türkmenistanyň Meýletinçiler baradaky kanuny, Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak boýunça kodeksi, Türkmenistanyň Jenaýatçylyk kodeksi,) | 5 (Türkmenistanyň Maglumatyň gizlinligi we ony goramak baradaky kanuny, Türkmenistanyň Bosgunlar baradaky kanuny (täze neşiri), Türkmenistanyň Zähmet kodeksine goşmaçalar, Türkmenistanyň Howandarlyk we hossarlyk baradaky kanuny, Türkmenistanyň Dolandyryş proseduralary baradaky kanuny) | 7 (Türkmenistanyň Maşgala kodeksine goşmaçalar, Türkmenistanyň Wagyz ediş we goldaw beriş baradaky kanuny, Türkmenistanyň Adam söwdasyna garşy göreşmek baradaky kanuny, Türkmenistanyň Bilim baradaky kanuny, Türkmenistanyň Iş bilen üpjünçilik baradaky kanunyna goşmaçalar, Türkmenistanyň Mahabatlandyrma baradaky kanunyna goşmaçalar, Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak baradaky kanuny) | 4 |

8.2 görkeziji. Adam hukuklary boýunça tassyklanan meýilnamalaryň sany we durmuşa geçirilen işleriň göterimi

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| 3<br>2015 (1)<br>2016 (2) | 3<br>2015 (1)<br>2016 (2) | 4<br>2015 (1)<br>2016 (2)<br>2018(1) | 4 |
| **% Gender meseleleri boýunça hereketleriň milli meýilnamasy (2015)** | - | 44% | 60% |
| **% Adam resurslary boýunça hereketleriň milli meýilnamasy (2016)** | - | 20% | 60% |
| **% Adam söwdasy boýunça hereketleriň milli meýilnamasy (2016)** | - | 65% | 90% |
| **% Bosgunlar boýunça hereketleriň milli meýilnamasy (2018)** | - | - | 10% |

8.3 görkeziji. Milli we pudaklaýyn maksatnamalary işläp düzmäge we olary durmuşa geçirmäge gatnaşýan hem-de zenanlardan, ýaşlardan, çagalardan we mümkinçiligi çäkli adamlardan ybarat bolan raýat jemgyýeti boýunça edaralaryň sany

| Esas, 2016 | 2017 | 2018 | Ugur, 2020 |
|---|---|---|---|
| **5** (Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý milli jemgyýeti, Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi, “Keýik okara”, “Ýeňme”, “Ynam” guramalary | 9 (Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý milli jemgyýeti, Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi, Türkmenistanyň Ýaşlar guramasy, Mümkinçilikleri çäkli adamlara goldaw beriş merkezi, Sülçileriň | 9 (Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý milli jemgyýeti, Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi, Türkmenistanyň Ýaşlar guramasy, Mümkinçilikleri çäkli adamlara goldaw beriş | 10 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| ) | birleşigi, “Ýeňme”, “Ynam”, “Keýik okara”, “Maşgala” guramalary) | merkezi, Sülçileriň birleşigi, “Ýeňme”, “Ynam”, “Keýik okara”, “Maşgala” guramalary) | |

8.4 görkeziji. Ýüze çykýan serhetara meseleleri, şol sanda toplumlaýyn esasda harytlaryň we adamlaryň kanuny çeşmeleri babatda ýüze çykýan meseleleri çözmekde ýardam berjek täze durmuşa geçirilen başlangyçlaryň sany

| **Esas, 2016** | **2017** | **2018** | **Ugur, 2020** |
|---|---|---|---|
| **0** | 10 | 19 | 3 |

8.5 görkeziji. Döwlet dolandyryşyň hyzmatlaryny üpjün etmekde netijeliligi we hasabatlylygy ýokarlandyrmak üçin teklip edilýän elektron dolandyryş hyzmatlarynyň sany

| **Esas, 2016** | **2017** | **2018** | **Ugur, 2020** |
|---|---|---|---|
| **0** | 1<br>Sanly bilim ulgamyny işläp düzmek konsepsiýasy | 1<br>Sanly ykdysadyýet konsepsiýasy | 2 |

8.6 görkeziji. Adalatlylyga bolan ygtyýary giňeltmek maksady bilen hukuk goraýjy we kazyýet edaralaryny güýçlendirýän durmuşa geçirilen täze başlangyçlaryň sany

| **Esas, 2016** | **2017** | **2018** | **Ugur, 2020** |
|---|---|---|---|
| **0** | 1 | 1 | 2 |